**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**
**Magtymguly adyndaky Türkmen**
**döwlet uniwersiteti**

**Gülsün Çaryýewa**

# Halkara ynsanýetçilik hukugy we HBS

***Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy***

*Türkmenistanyň bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat -2010**

**Çaryýewa G.**

**Halkara ynsanýetçilik hukugy we HBS .** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 80 sah.

# Giriş

Türkmenistan garaşsyz ösüşiniň ýokary depginde ykdysady ösüşli, ilatyny durmuş taýdan üpjün edýän, jemgyýet durmuşynda kanunyň öňdeligi we hukuk döwletiniň ýörelgeleri ornaşdyrylan demokratiýa institutlarynyň ösýän ulgamyna eýe bolan yurt hökmünde özüni tanatdy.Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuş-ykdysady we syýasy-hukuk baş ugrunyň durmuşa geçirilmegi türkmenistanlylara hakyky garaşsyzlygy, syýasy durnuklylygy , jemgyýetde parahatçylygy we agzybirligi, deňhukuklylygyň, adalatlylygyň we ynsanperwerliligiň esaslarynyň dabaralanmagyny üpjün etdi.

Türkmen döwletliliginiň häzirki zaman nusgasy ilatyň baý taryhy mirasyna, döwlet gurluşygynyň öňdebaryjy umumyadamzat arzuw-maksatlaryna we meýillerine esaslanýar.Bu esaslaryň bitewiligi adam, onuň bähbitleri, hukuklary we azatlyklary, halk häkimiýeti we kanuny öňdeligi ýurduň kuwwatynyň we halkyň hal-ýagdaýynyň barha ösmegine esas bolup hyzmat edýän türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşynyň demokratik, hukuk we dünýewi häsiýetini kesgitledi.

Ykdysadyýetiniň, syýasy we jemgyýetçilik institutlarynyň amala aşyrylyýan özgertmeleriniň zerur

hukuk şertlerini döreden Garaşsyzlyk ýyllary içinde emele gelen milli kanunçylyk ulgamy bu ägirt uly meýilnamalarynyň durmuşa geçirilmegine hyzmat edýär.

Ỳurdumyzyň kanunçylygy halkyň bähbitlerini , onuň özboluşly ruhy dünýäsini , däp-dessurlaryny , parasatly ata-babalarymyzdan miras galan syýasy we hukuk medeniýetimizi durmuşa geçirýär.Türkmenistan dünýä ykdysadyýetine we hukuk giňişligine girmek bilen , demokratiýanyň gurluşygyny amala aşyryp , adam hukuklary baradaky möhüm halkara namalaryny tssyk etdi.Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen düzgünleriniň we kadalarynyň öňdeligini ykrar etdi we hemişelik Bitarap döwlet hökmünde adam hukuklary babatda halkara borçnamalary hakyndaky Jarnamany kabul etdi. Biziň ýurdumyz oňa yzygiger eýermeklik bilen, halkara hukugynyň esasy ýörelgelerini we düzgünlerini öz milli kanunçylygyna ornaşdyrýar. Kabul edilen borçnamalarynyň döwlet içindäki derejede iş ýüzinde durmuşa geçirilişi ýurdumyzyň kanunçylygy we kadalaşdyryjy hukuknamalary tarapyndan Türkmenistanyň raýatlarynyň , daşary yurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryna we azatlyklyklaryna degişli halkara hukugynyň umumy ykrar edilen namalaryny ozone Kabul etmeginden ybaratdyr. Yzygider amala aşyrylýan ornaşdyryş syýasaty Garaşsyz Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň adamuň we raýatyň hukuklary we

azatlyklary babatdaky halkara nusgalaryna laýyk gelmegini üpjün etdi.

,,Dünýä bileleşiginiň öňünde jogapkärçiligine doly derejede düşünmek bilen , Türkmenistan ýurtda öz kanunçylygyny demokratiýa we adam hukuklary ýaly şeýle esas goýujy umumyadamzat gymmatlyklarynyň durmuşa geçirilmegini we goralmagyny üpjün edýän gurluşlary döretmek , ýokary halkara ölçeglerine laýyk getirmek boýunça anyk ädimleri ädýär,, diýip, Türkmenstanyň Prezidenti nygtaýar.

Halkara şertnamalarynyň beýannamalarynyň , ýörelgeleriniň, gollanmalarynyň, nusgalyk düzgünleriniň we teklipleriniň milli kanunçylyga geçirilişiniň diňe bir umumy gidişiniň däl , eýsem anyk halkara namasynyň düzgünininiň içerki döwlet hukugynyň kadalaryna öwrülişiniň-de möhüm amaly ähmiýeti bardyr. Şeýle seljerme biziň ýurdumyzyň kanunlarynyň gurluşynyň we mazmun tarapynyň anyk halkalara namasyna laýyk getirilmegini yzarlamaga mümkinçilik berýär, ol ornaşdyryş tejribesini barha kämilleşdirmeklige we halkara hukugynyň biziň kanunçylygymyzyň ozone Kabul eden kadalarynyň amala aşyrylyş derejesini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Halkara kadalarynyň milli hukuk kadalaryna özgerdilmeginiň gidişini aýdyňlaşdyrmak raýatlaryň hukuk taýdan habarlydyny ýokarlandyrmak işine , olaryň öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmak

mümkinçiligini ýaýbaňlandyrmaga, Türkmenistanuň Konstitutsiýasynyň we kanunlarynyň olaryň üstüme ýükleýan borçlaryny ýerine ýetirmeklerine hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti; ,, Beýleki halklary sylamak , hormatlamak , beýleki dinlileriniň dinlerine , ygtykatlaryna sarpa goýmak türkmen halkynyň süňňinde bardyr. Türkmen halky ynsanperwer , adalatly, sahabatly , giňgursakly , sabyr- kanagatly dostana halk bolup, başga halkyň wekillerine ýokary hormat goýmagy özüne dereje bilýär,, diýip, belleýär.

Halkara kanunçylyk namalary ýurdumyzyň Türkmenistanyň Prezidentiniň halkyň agzybirligini we jebisligini , milletara we konfessional sazlaşyklygy üpjün etmek , kabul eden halkara borçnamalarymyzy berjaý etmek baradaky syýasytynyň yzygiderli amala aşyrylýandygyna ynyndyryjy şaýatlyk edýär. Türkmenistan adam hukuklarynyň milli dini hem-de beýleki esaslardaky islendik kemsitmeleriň gadagan edilmeginiň , zerurlyk ýüze çykan halatynda bolsa öňüniň alynmagynyň ygtybarly hukuk kepilliklerini üpjün edýän kanunçylyk we kadalaşdyryjy hukuk çäreleriniň ulgamyny döretdi.

# Halkara hukuklaryň döreýşi

Halkara hukuklaryň döremegi gulçuluk eýýamynyň dagap, döwletleriň dorap basiamagy bilen ýüze çykyp başlaýar.Iň gadymy döwürden biziň günlermize çenli gelip ýeten halkara şertnamalaryň biri Ýegipitde Faraon Ramsez-2 bilen Hattusilli-3 (karol) ikisiniň biziň eýramyzdan öňki 1278-nji ýylda baglaşan şertnamasy saklanyp galypdyr.Bu şertnamada uzaga çeken agyr uruşdan soň goranmak we hüjüm etmek boýunça soýuzlaryň arasynda dostluk gatnaşygy ýola goýmak, eger-de içki tertip-düzgünler bozulan ýerinde şu ylalaşyk soňraky döwletleriň kemala gelip, hukuk gatnaşyklaryny ýola goýmaklarynda-da esasy nusga bolup hyzmat edipdir.Has soňraky ýyllarda (b.e.1-nji asyry) ilçileriň halkara hukuklary barada Manunyň kanuny hereket edipdir.Gadymy Rimde ilçiler senatda ýagny parlamentde, öz işleri barada hasabat berýärler, şeýdibem halkara hukuklarynyň esasy gökmünde ,,halk hukuklary'' kemala gelip başlaýar.Şeýle hem döwletler arasynda alnyp barylýan uruşlary häsiýetlendirmek, ýagny adalatly urş ýa-da adalatsyz uruşlara bölmeklik başlanýar.Halkara hukuklarynyň berk tertip-düzgün esasynda ýerine ýetirmek, şertnamanyň düzgünini bozan derejesinde seredilipdir.

Orta asyrlarda Ýewropada Rim imperiýasynyň dargamagy bilen birnäçe feodai döwletler ýüze çykyp başlaýar.Halkara hukuklaryň osusi birneme gowşap, bu döwür üçin häsiýetli

düzgünler bolan kulakçylyk hukuklary ýüze çykýar.Bu döwürde esasy halkara dokumentler harby soýuzlaryň arasynda şeýle hem söwda-satyk işlerinde baglaşylan şertnamalar bolupdyr.Halkara burjuaz hukuklaryň düýbi 17-nji asyrda tutulyp başlaýar.Ýewropa kontinentinde dörän özbaşdak döwletleriň sany artýar, özbaşdak döwletleriň sanynyň artmagy bilen döwletleriň arasynda halkara gatnaşyklaryny ýola goýmagyň düzgünlerini kesgitlemek meselesi orta çykýar,17-nji asyryň iň tanymal halkara hukukçysy GUGO GROSIÝ (1583-1654).Onuň ,,Uruş we parahatçylyk'' atly eseriniň gymmaty biziň günlermizde-de ýitenok.Halkara hukuklaryň esasynda halkara şertnamalar ýatyr, sebäbi döwletler arasynda parahatçylyk wagtynda-da harby ýagdaýda-da dürli uruşlary alyp barmagyň dogry düzgünlerini kesgitläpdirler.Uruşlar diňe adalat üçin alnyp barylmaly.Şu babatda GROSINIŇ kitaby Ýewropada uly gyzyklanma döredýär.Şeýle ýagdaýlar bolýar, bu kitaby haçan-da döwletler arasynda dawaly meseleler ýüze çykanda dawaly meseläni çözmegiň guraly hökmünde ulanypdyrlar.

Beýik Fransuz rewolýusiýasy döwründe halkara gatnaşyklarynda deňlik ideýasy öňe sürlüp, adamyň erkinligi, deňligi olaryň hukuklary baradaky pikirler peýda bolýar.

Terminler esasynda düzülýär.19-njy asyrda halkara hukuklaryň osus ýagdaýyny 4-etapa bölmek mümkin.1815-

nji ýylda Wena kongresinde diplomatik hukuklaryň düzgünleri kesgitlenýär hem-de gül söwdasy ýatyrylýar.1865-nji ýylda Parižde deňiz uruşlarynyň hukuk kadalary işlenilip düzülýär.1878-nji ýylda Berlin kongresinde Serbiýanyň.Ruminýanyň özbaşdaklygy yglan edilýär.1899-njy ýylda Gadafa geçirilen konfersiýada uruşlaryň düzgünleri barada konwensiýa kabul etmek, ýarylýan okiary we snarýadiýary ulanmaklygy gadagan etmek, adama zyýganly gazy ulanmaklygy gadagan etmek ýaly meseleler boldy.

Ösen jemgyýetde halkara hukuklaryň döreýşi we ösüşi.
Köne we täze hukuklaryň çatrygy 10-njy jahan urşy boldy.Uruşdan soňky düzgünler parahatçylyk barada Wersal şertnamanyň kabul edilmegi (1919 ý) ýene-de şol ýylda Sen-Zerman şertnamasynyň kabul edilmegi netijesinde Ýewropada täze özbaşdak döwletleriň döremegine sebäp boldy.1919-njy ýylda Wersal şertnamasynyň statusynyň esasynda köpügurlygy halkara gurama-Milletler ligasy döredilýär.Milletler Ligasy ýeriň ýüzünde halklar arasynda parahatçylygy goramak, adamlaryň hukuklaryny, erkinligini goramak maksady bilen döredilip, bu gurama 1946-njy ýyla çenli hereket edýär.Şu galkara guramanyň easynda1946-njy ýylyň 24-nji oktýabyrynda BMG-ny (OON) döredilýär.

# HALKARA HUKUKY BARADA DÜŞÜNJE

Häzirki wagtda hukuk sistemasynda hukugyň 2-görnüşi hereket edýär.Halkara hukuklar we döwletleriň içerki hukuklary.Halkara we milli hukuklarynyň aýratynlyklaryna, meňzeşliklerine garamazdan hukuklaryň esasy ýüridiki normalar, ýüridiki Hukuklar ýüridiki kanunlar esasynda hereket edýär.

## Halkara hukuklar barada ylym

Russiýanyň halkara hukuklar baradaky ylmy dünýä halkara hukuklarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.19-njy asyryň ahyrynda W.F.Malinowskiý, L.A.Komarowskiý dagy halkara sudlaryň ylmy esaslaryny işläp düzdüler.20-nji asyrda W.E,Grabar halkara hukuklarynyň taryhy ösüşini yzarlasa, F.F,Martens Russiýada ilkinji gezek ,,halkara hukuklaryň kursuny'' neşir etdi.Sowet-halkara hukuklary baradaky ylmy işler rus alymlarynyň hasabyna hasabyna barha kämileşýär.Ýeketarinburgda , Kazanda, Moskwada,Sankt-Peterburgda,Kiýewde ylmymekdepler ýüze çykyp başlaýar.G.L.Tunkiniň,F.J.Kojewnikowyn, D.W.Lewiniň, D.J.Feldmanyň halkara hukuklar baradaky ylmy işlerini dünýä ykrar edýär.1967-1979-njy ýyllarda rus alymlarynyň tagallasy bilen ,,Курс международного

права’’ atly 6-tomluk neşir edilýär.Häzirki döwürde-de rus döwletiniň syýasy taýdan çylşyrymly pursatlary başdan geçirýändigine garamazdan Russiýanyň halkara hukuklary baradaky ylmy kämilleşýär, dünýäň halkara hukuklary baradaky ylmyň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar.Soňky ýyllarda onlarça kitaplary,okuw gollanmalar neşir edilmegine dowam etdirýär.

1989-njy ýylda „ Курс международного права’’ kitabynyň 7-tomlugy ýazylyp gutaryldy.Döwürleýin neşirler bolan „Государство и право’’, „Праводениё’’ , „Московская журнал международного права’’ ýaly neşirlerde, yzygiderli çap edilip durulýar.Rus alymlary BMG-niň (OON) halkara sudunyň agzasy bolup durýarlar.Halkara syýasatynda halkara-hukuklar meselesinde rus alymlarynyň pikirleri görnükli orun eýeleýär.Şeýlelikde halkara hukugunyň osus taryhynda rus döwletiniň uly goşandy bar. Munuň şeýledigine biz taryhyň gatlaryna göz aýlanymyzda anyk göz ýetirýäris.Aýdaly 9-asyrda Kiýew Rusy halkara derejesinde Wizantiýa bilen ýa-da Ýewropa döwletleriniň birnäçesi şertnamalary baglaşýar.

1869-njy asyryň ahyrlarynda dünýä arenasyna bu mesele boýunça Moskwa döwletleri çykýar.Litwanyň, Türkiýanyň,Krym hanlarynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ösmegi netijesinde birnäçe halkara şertnamalar baglaşylýar.

Russiýada Pýotr-1-in döwründe dasary ýurtlar bilen hemişelik diplomatik wekilleriň alyş-çalşygy başlanýar, ilçi konselýariýalar açylýar.

Ýeketarina-2 döwründe Russiýa Ýewropa kontinentinde ägirt uly döwlet hökmünde orta çykýar.Deňiz syýasatynda özbaşdaklyk, Gara we Ortaýer deňizlerindäki halkara meselelere garalýar.1868-nji ýylda Russiýanyň başlangyjy bilen Sankt-Peterburgda ýarylýan we otlanýan ýaraglary ulanmagy gadagan etmek baradaky deklerasiýa kabul edilýär.1899-1907-nji ýyllarda dünýä döwletleriniň gatnaşmagynda geçirilen iki sany konfersiýa Russiýa döwleti işjeňlik bilen gatnaşýar.Halkara hukuklaryň osus etaplarynda Russiýanyň has işjeňlik görkezmesi Oktýabr rewolýussiýasyndan soň başlanýar.SSSR-iň dargan ýyllaryna çenli halkara meselesinde Russiýanyň dünýä jemgyýetçilik iň abraýly, öňdebaryjy orunda duran, täsirliligi güýçli bolan döwri hasaplanýar.SSSR-iň dargamagy bilen Rus döwletiniň öňdebaryjylyk pozizýasy (halkara meselesini çözmek boýunça) Günbatar Ýewropa ýurtlaryna, Arap dünýäsine Afrika,Latyn Amerikasy ýurtlaryna täsiri köp derejede gowşaýar.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasy inisiatiwalary;işjeňlik,anyklyk we il-halkyň abadançylygyna gönükdirilen maksatlaryndan ugur almak

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy belentligi,onuň milli bähbitleriň,häzirkizaman öňe sürýän uly meseleleri bilen sazlaşykly utgaşmasyndan ybaratdyr.Bu babatda bitarap Türkmenistan halkara syýasatynyň we diplomatiýasynyň parahatçylygy söýüji we özara sarpa,deňhukuklylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk içerki işlere gatyşmazlyk,dünýä ýurtlarynyň we halklarynyň ösmeginiň we güllemeginiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk ýaly esasy ýörelgelerine berk we gyşarnyksyz eýerýär.

Hut şu jähtden-de türkmen döwletiniň halkara durmuşynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga we çözmäge barha işeňňir gatnaşýandygyny häsiýetlendirmek bolar. Türkmenistanyň Prazidenti tarapyndan şeýle işjeňligiň yzygidrli aktual we iňňän döwrebap başlangyçlar bilen üsti ýetirilýär.Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň ideýalarynyň gazanylan ylalaşyklar we anyk taslamalar görnüşinde ,soňra durmuşa geçirilende,olaryň aýdyň we ynamly ösüşine hem anyk hasyl bolşuna giň halkara jemgyýetçiligi

şaýatdyr.Ulgamlaýyn çemeleşmek we halkara hukuk kadalarynyň ilri tutulmagy ,umumy ykrar edilen ýörelgelerindenugur alynmagy we hoşniýetli goňşyçylyga sarpa goýulmagy ,häzirki döraýän meseleleri parahatçylykly we özara ylalaşykly çözmeklige ýykgyn etmek Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniňhalkara arenasyndaky daşary syýasy inisiatiwalarynyň we diplomatik gadamlarynyň güýçli taraplarynyň jemleýji netijesidir.Türkmenistanyň halkara hukuk ulgamy ösýän ulgamdyr.Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň talaplary esasynda Türkmeniatanyň halkara hukugyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmegiň maksadyna ýetmägr häzirki zaman hukuk binýadyny döretmäge mümkinçilik berýär.

Bu gün ýurdumuz öz ösüşiniň täze tapgyryna-Täze galkynyş zamanasyna aýgytly gadam basdy.Bu eýýamda Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwleti we jemgyýeti mundan beýläk -de demokratiýalaşdyrmak ,raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny giňeltmek,ýokary aň-düşünjeli we beden taýdan sagdyn şahsyýetleri kemala getirmek babatda düýpli özgertmeleri amala aşyrýar.

Häzirki wagtda daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş seridelerinde ,bütindünýä internet ulgamynda Türkmenistanyň şu günki güni we geljegi hakynda gürrüň berýän dürli çykyşlar yzygiderli bolýar.Biziň ýurdumyza

bolan gyzyklanmalar onuň okgunly ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr.Bu ösüşler,ýetilen sepgitler diňe öz ýurdumyzyň HBS-ni däl-de eýsem,daşary ýurt habar beriş serişdeleriniň hem ünsüni özüne çekýär.HBS-iň dürli ulgamlarynda teleradio ýaýlymlarda ,metbugatda ýurdumyzyňbedew bady bilen ösüşleri buýsançly beýan edilýär.Täze galkynyş eýýamynyň her bir üstünlikleri biziň ählimizi döredijilikli zähmet çekmäge ruhlandyrýar.

## Türkmenistanyň daşary syýasaty: dünýä bileleşigine goşuluşmak ileri tutulýan ugur.

Döwletiň içeri syýasatynyň idiologiki dowamy onyň daşary syýasaty bolup durýar.Türkmenistan Garaşsyzlygy alanda soň, parahatçylygy söýüljek, ynsanperwerlik we adalatlyk prinsiplerine esaslanýan daşary syýasat ýoluny ýöredýär, bu ýol bütin dünýä bileşiginde giň goldaw tapdy.Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bitaraplyk baryp 1995-ýylyň dekabr aýynyň 12-de BMG-niň Baş Assamleýasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji döwletdir.Şu hukuk derejesini gyşarnyksyz durmuşa geçirmek bilen Türkmenistan halkara guramalary bilen bähbitli we peýdaly gepleşikleri ösdürýär, dünýäniň ähli döwletleri bilen oňat, dostukly gatnaşyklary saklan, plan bilen deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeldýär we çuňlaşdyrýar.

Häzirki günde Türkmenistanyň dünýäniň 122-den gowrak döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary bar,halkara guramalarynyň 40-dan gowragynyň agzasydyr we olaryň işine işeňňir hatnaşýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn özara hereket etmegiň toplanan oňun tejribesini peýdalanmak bilen ýurduň Prezidenti ähli ugurlar boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ösdürýär.Ol şeýle nygtaýar,

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň işjeň agzasy bolmak bilen, parahatçylygy, howupsyzlygy, durnulylygyhemd-de durnukly ykdysady sosial ösüşi üpjün etmek işine öz goşantlaryny goşanýan ähli döwletler we halkara guramalary bilen deň hukukly hem-de konustruktiw hyzmatdaşlyk ugrunda çykyş edýär.Şunda biziň ýurdumyzyň syýasy ugry Türkmenistanyň halkynyň milli bähbitlene, şeýle hem BMG-nyň ustawynda berkidilen ýörelgelere we kadalara esaslanýär.Şeýle bir mysal, halkara syýasy işewür toparlarynyň Türkmenistana bolan barha artýan gyzyklanmasyna aýdyň şaýatlyk edýär.Hormatly prezidentimiz her ýyl dünýäniň birnäçe döwletlerine resmi saparlar bilen gidýär:2007-nji ýylyň 9 aýynyň içinde 9 döwletde, 2008-nji ýylyň dowamynda 15 döwletde, 2009-njy ýylyň döwamynda ondan-da köp döwletlerde iş sapary bilen boldy.Saparyň çäklerinde şol ýurtlaryň geçirýän reformalarynyň tejribesi öwrenildi, şol ýurtlaryň gowy zatlary mümkin boldagyndan Türkmenistanda ornaşdyryldy.

Ähliumumy parahatçylygy, global howupsyzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmak işinde Türkmenistan iri, at-abraýly we täsirli halkara guramalary, ozaly bilende BMGsy bilen hyzmatdaşlyk etmäge aýratyn ähmiýet berýär: „Türkmenistan öz garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap BMG-nyň asylly maksatlaryny halkara bileleşigi bilen özara gatnaşyklarda biziň arzuw-

hyýallarmyza doly laýyk gelýän maksatlar hökmünde kabul etdi.BMG-nyň parahatçylyk söýüjilik, deňhukuklylyk, döwletleriň öz ygtyýarlygyna, olaryň öz ýoly baradaky hukugyna sarpa goýmak ýörelgeleri biziň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasynda goýuldy,BMG-sy bilen hyzmatdaşlyk bolsa onuň ileri tutulýan ugruna öwrüldi’’diýip Hormatly Prezidentimiz nygtady.Daşary döwletler bilen hyzmatdaşlyga dürli ugurlar degişli:ylym-bilim, elektrik energiýasy, ulag we aragatnaşyk, kommukasiýa, saglygy goraýyş, gumanitar we ynsanperwerlik bilen baglanşykly alnyp barylýar.Mysal üçin gumanitar ugry alyp görsek, 2008-nji ýylyň gazaply gyşynda uzaga çeken agyr uruşlardan soň kynçylyk çekýän goňşy Owganystan döwletine öz goňşuçylyk we ynsanperwerlik kömegini berip dostluk goluny uzatdy.Biziň ýurdumyzdan üsti egin-eşikden, azyk önümlerinden, dizel ýangyjyndan doly maşyn kerweni goňşy owgan ýurduna ugrady.Dogrudan hem owgan halkynyň gazaply gyşda horluk çekendigini teleýaýlymlaryň üsti bilen synladyk, biziň ýurdumyzdan baran zatlary kabul eden owgan halkynyň gözi ýaşly aýdan alkyşly sözlerini diňlemek hem ýeňil düşmedi.Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen owgan halkyna häzirki günde-de yzygiderli kömek berilýär oňa mysal edip elektrik energiýasyny aýdyp bolar.

# HALKARA HUKUGY

1. Halkara hukugy barada düşünje.
2. Halkara şertnamalar, olaryň görnüşleri.
3. Halkara şertnamalaryn ähmiýeti.

Halkara hukugy halkara kadalarynyň hereket etdirmegiň we bes etmegiň tertibini kesgitleýän hukuk pudagydyr.Onuň esasy bolup şertnamalar çykyş edýärler. Şertnamalar halkara hukugyň ýüze çykmasyndan öň hem döwletlerin tejribesinde ulanylypdyr. Olar garaşsyz bileleşiklerin özara gatnaşyklaryny parahat ýoly bilen sazlaşdyrmagyň ýeke-täk serişdesidir. Halkara gatnaşyklaryň ýola goýulmagynda işleleriň ösmegi şertnamalaryň ähmiýetinin ösmegine getirdi. Halkara şertnama hukugy halkara hukuk ulgamynda uly orny eýeleýär we onuň beýleki esasy pudaklary bilen berk arabaglanyşyklydyr. Meselem, halkara hukuk-subýektlilik bilen,ol halkara hukugyň hereket etmegini ýola goýmakda uly orun tutýan we onuň kadalarynyň ýüze çykmagynyň tertibini, olaryň hereket etmegini ,bes etmegini, hukuk netijelerini kesgitleýär.

Şertnama hukugy-halkara prosesual hukugyň esasydyr,ol halkara hukugyň beyleki pudaklarynyň we institutlarynyň kemala gelmegi hem-de hereket etmegi bilen berk baglanyşyklydyr.

Şertnama-halkara gatnaşyklary ýola goýmagyň syýasy we hukuk serişdeleriniň möhümlisiniň biridir.

Onuň kömegi bilen wajyp we çylşyrymly meseleler çözülýär. Muňa mysal edip, howpsuzlygy üpjün etmek, deňiz we kosmos hukuklary baradaky konwensiýalary getirmek bolar. Şertnama halkara guramasynyň işiniň özeni bolup durýar. Ol halkara hukuk kadalarynyň aglaba köpüsiniň çeşmesidir. Umuman şertnama halkara gatnaşyklaryny dolandyrmagyň ähli ulgamlarynyň hereket etmegini üpjün edýän guraldyr. Şertnama döwletiň daşarky syýasatynyň guraly bolup hyzmat edýär. Garaşsyz syýasy bileleşikleriň tarapyndan meseleleriň parahat ýoly bilen çözülmeginiň ýeke-täk serişdesi bolan halkara ylalaşyklar öz taryhyny döwletara gaýnaşyklaryň ýüze çykan döwründen bäri dowam edipdir. Bu döwüre çenli ylalasyklar tapylyp arasyndaky gatnaşyklary ýola goýmak görnüşinde bolupdyr. Taryh gadymy döwürlerde ylalaşyklaryň köp sanly, köp görnüşli bolandygyny görkezýär. Bular hakynda Manunyň kanunlarynda aýdylýar, gadymy halkara ylalaşyklar dini wadalar bilen berkidilýär. Olaryň hökmany güýji dini ahlakda ýüze çykypdyr, ahlak-syýasy häsiýetde bolupdyr. Halkara hukugyň ýüze çykmagy bilen şertnamalar ýüridiki güýje eýe bolupdyr. Häzirki zaman tejribesi uniwersal şertnamalara umumy gatnaşmak formulasyny öz içinde saklaýar. Gatnaşmak hukugynyň pudagy halkara hukugyň esasy ýörelgesine esaslanyar. Özbaşdak deňhukuklylyk ýörelgisine

laýyklykda hemme döwletler halkara bileleşigiň deňhukukly agzalarydyr. Her bir döwlet doly özbaşdak döwletin hukugyndan peýdanmalydyr we beýleki döwletleriň subýektliligini hökman hormatlamalydyr. Hiç kim döwletiň umumy bähbitlerine degişli meselelerini çözmekde oňa päsgel bermeli däldir. Halkara şertnama hukugy hakyndaky Wena konwensiyasynyň (1969-njy ýyl) laýyklykda halkara şertnama bu döwletleriň halkara hukugyň beýleki subiýekitleri bilen ýazuw görnüşinde baglaşylan bir, iki ýa-da birnäçe özara baglaşylan resminamalaryň düzmünde şeyle ylalaşygyň bar bolmagyna, şeýle hem belli bir adynyň bolmagyna garamazdan halkara hukuk tarapyndan düzgünleşdirlýän ylalaşykdyr.

Türkmenistan döwletimizde hem öz garaşsylygyny alandan soň halkara gatnaşyklary kesgitleýän birnäçe içerki kanunçylyklar kabul edildi. Şol sanda BMG-nyň tagallasy netijesinde 1969-njy ýylda Awstryýa döwletiniň paýtagty bolan Wena şäherinde halkara konwensiya geçirildi onda taryhy çeşme kabul edildi. ,,Halkara şertnamalar barada’’. Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda halkara şertnamalarynyň orny ulugyp. Halkara şertnamasy häzirki zaman halkara hukugynyň esasy şertnamasydyr. Häzirki döwürde halkara şertnamalarynyň orny gitdigiçe beýgelýär.

# Halkara guramalar

1.Halkara guramalar barada düşünje
2.Halkara guramalaryň gurluşy.
3.Halkara guramalaryň görnüşleri.

Halkara Gurama-bu şertnama esasynda döredilen ýörite maksatlary bolan öz işini dolandyrýan organlary bolan Halkara hukugyna laýyklykda ýörite hukuklary we borçlary bolan we halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda döredilen döwletleriň birleşigine aýdylýar.Halkara guramalaryň esasy 5-sany esasy elementleri bar.

1.Şertnamalaýyn esas.
2.Ýörite maksatlar.
3.Guramanyň gurluşy.
4.Hukuklar we borçlar.
5.halkara hukugynyň esasynda döredilmegi.

Şertnamalaýyn esas diýlende halkara guramanyň döredilmek esasy şertnama bolup durýar.Käbir ýagdaýlarda halkara guramalaryň şertnamalry easynda däl-de halkara şertnamanyň rezolýusiýalary (kagyz ýüzünde kabul edilen ýöne entek şolm boýunça kanun çykmadyk) esasynda hem döredilýär.Mysal üçin, BMG-nyň söwda boýunça konsepsiýasy.Bu gurama BMG-nyň rezolýusiýasy esasynda döredildi.

Halkara guramalryň wezipeleri halkara guramalar informasion (maglumat) kada-kanun dörediş gözegçilik we operatiw wezipelerini ýerine ýetirýärler.

1)Informasion wezipesi bu halkara guramasynyň iň köneden gelýän wezipeleriniň biridir.Bu wezipe iki aspekti ýerine ýetirýär, ýagny her gurama pz maksatlaryny gurluşyna degişli bolan maglumatlaryny çap edýär, gurama ýörite maglumatlary (doklad, obzar) taýýarlaýar.

2) Halkara guramalar halkara hukugynyň kadalarynyň döredilmeginde döwletleriň kada-kanun dörediş prosseslerinde gatnaşýarlar

3)Gözegçilik wezipesi.Halkara şertnamalrda, konsepsiýalarda, sertiwikasiýalarda (ustawy) görkezilen borçlary ýerine ýetirlişine gözegçilik eýän guramalaryň sany görkezilýär.Halkara guramalary hem şol görkezilen kadalara laýyklykda hereket edýärler.

4)Operatiw wezipesi-bu wezipe ilki bilen BMG-na degişli bolup, durýar.Ýagny olar halkara howsyzlygyny we parahatçylygyny üpjün etmek, ösýän döwletlere kömek bermek.

Halkara guramalryň gurluşy, olar şol organlardan ybarat.

a)Baş organ.

b)Ýerine ýetiriji organ.

ç)Dolandyryş organy.

d) Ýörite meseleler boýunça komitetler we komissiýalar.

Baş organ kömekçi organlara bölünýär.Halkara guramalaryň Baş organlaryna guramalryň agzalary bolan hemme döwletler girýärler.Bu organ guramalryň hemme meselelerine garaşýar.Şolaryň hataryna ýerine ýetiriji adamlary saýlamak, Baş sekretary saýlamak, guramanyň budjetini tassyklamak we başgalar.

Ýerine ýetiriji organlary.

Ýerine ýetirji organlary-bu organlaryň organlary 2-usul esasynda saklaýar.

a)Döwletleriň geografiki ýerleşişi boýunça.

b)Döwletleriň ýörite meseleleri boýunça.

Dolandyryş organy

Dolandyryş organy-bu organa sekretarlar degişlidir. Sekretarlar Halkara guramalryň hemişelik organlaryfyr.Olar dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirýärler.Sekretriata Baş sekretar ýolbaşçylyk edýär.Ol 3-6 ýyl aralygynda saýlanýar.Sekretria işi 3-topara bölünýär.

1)Ýokary dolandyryş wezipeleri adamlar.

2)Hünärmenler topary.

3)Hyzmat ediş personaly.

Halkara guramalryň görnüşleri 2-görnüşde bolýar.Hökümetara guramalary-bu guramalar döwletler girýärler, bu guramalar uzak möhletleýin maksatlary ýerine ýetirmek üçin döredilýär.Bu guramalryň kada-kanunlaryny kabul edip, olaryň döwlet tarapyndan ýerine ýetirlişine gözegçilik etmäge hukuklary bardyr.

Hökümetara däl guramalar-guramalar sosial, ylmy, medeniýet, tehniki ýa-da ykdysady maksatlary bolan şahsylaryň toparlaryndan ybaratdyr.Hökümetara däl guramalary diňe milli kanunlara laýyklykda döredýärler we olaryň hukuk statuslary diňe milli kanuna laýyklykda kesgitlenýär.

2-görnüşde boýar.1)Hökmany suratda ýerine ýetirilmeli kararlar.

2)Hödürnamalar. Hödürnamalar-guramalyň içerki işleri bilen baglaşykly meseller boýunça hödürnama, gurama kabul etmek we ondan agzalary boşatmak tertibi boýunça hödürnama berýar.

# Halkara ynsanperwerlik (gumanizm) hukugy

Ilki bilen bellemeli zat ,,gumanizm’’-latyn sözi bolup, humanist-adamlaryň, humanitast-adamkärçilik ýaly sözlerden gelip çykýar.Gumanizm diýlende adalatlyga, deňlige adamyň esasy hukuklarynyň we azatlygynyň hormatlanmagyna düşünilýär.Bir söz bilen gumanizm-adamy söýmekdir.Ýöne adamzadyň ösüşiniň taryhynda ,,gumanizm’’ düşünjesiniň gapdalyndan ,,barbarius’’-warwar, ýabany düşünjesi hem emele gelipdir.Gumanizm ideýalarynyň ösmegine adamzadyň görnükli akyldarlary öz goşantlryny goşdular.Biruni ,,Ibn Sina,, Nowaýy, Ibn Haidini, Wolter, Russo da Winçe, SEKSPIR-bu alymlar geljege adalatly, ylymyň ösmeginde ahlak sypatlarynyň ösmeginde görýärler.

XXI-asyryň 2-ýarymynda bu ideýalar ilkinji uruş hereketlerini çäklendirýär we ynsanperwerlik hukugynyň goragyna urşujylar we raýat ilatyny alýan köptaraplaýyn konwensiýalarynyň kadalarynyň kabul edilmegine ýardam etdi.BMG-nyň düzgünnamasynda halkara ynsanperwerlik hukugynyň ähmiýeti barada şeýle aýdylýar.Ykdysady durmuşy, medeni we ynsanperwer häsiýetli halkara meselelerini çözmekde hyzmatdaşlyk etmek we jynsyna, diline, dini ygtykadyna garamazdan adamyň hukularyny we

esasy azatlyklaryny hormatlamagy ösdürmek we goldamakdyr.

Häzirki zaman ynsanperwerlik hukugynda ýaragly çaknyşyklar döwründe adam hukuklaryny goramagyň düzgünleri 1889 we 2007-ýylyň GAAGA konferensiýasynda (urşy alyp barmagyň kanunlary, kadalary we düzgünleri) şeýle hem 1949-njy ýylda Jenewa konferensiýasynda we 1977-nji ýylda goşmaça protokylynda öz beýanyny tapýar.Köp döwletleriň alymlary ynsanperwerlik hukugynyň düşünjesini ulanmakda dürli pikirleri, garaýyşlary öňe sürýär.Mysal üçin, uruş hukugy’’-Berber, Ferdarass ,,halkara ynsanperwerlik hukugy ýaragly çaknyşyklar –Lewin, Sawinskiý Halkara ynsanperwerlik hukugy (gyzyl hajyň halkara komiteti) diýip ulanylýar.

Halkara ynsanperwerlik hukugynyň (HYH) döredilmegi ýönekeý, emma ynamly ifrýadan başlandy, uruş wagtynda hem belli bir hereketleri gadagan etmeli, ynsanperwerlik hukugy urşuň kanunlygy baradaky soraga garamaň ilki bilen urşuň kanunlylygy baradaky soraga garaman ilki bilen urşuň getirip biläýjek ejirlerini çäklendirmekden ybaratdyr.Ideýanyň umumlylygy (uniwersal) köp medenýetleri urşuň getirýän ejirlerini çäklendirmäge ymyltylýar.HYH-nyň bolsa bu ideýany hukuk düşünjeleriniň diliniň üsti bilen beýan edýär.Adam mertebesini uruş wagtynda hem hormatlamagy halkara

borç hökmünde ykrar edýär we döwletler halkara ynsanperwerlik hukugyny hemmeler üçin hökmany diýip hasaplaýarlar.

XX-asyr ýüzýyllyklaryň iň pajygalysydyr.Her asyrda uruş zerarly adam ömürleri kesilýär.

XVIII-asyr-5,5 mlin.

XIX-asyr-16 mln.

1-njy jahan urşy-38 mln.

2-jahan urşy-60 mln.

1994-1995-ýyllarda 24 mln.

Halkara ynsanperwerlik hukugy- halkara kadalaryndan ybarat bolup, olar bolsa adamlary we obýektleri urşuň netijelerinden goramaga niýetlenendir.HYH-hukugynyň esasy manysy uruş hereketlerine gatnaşmaýan ýa-da gatnaşygy bes eden taraplara gozmaklyk gadagan edilen raýat-ilata köp ejir berýän ýaraglary gadagan etmek.

1994-nji ýylyň JENEWA konferensiýasy ynsanperwerlik hukugynyň ösüşiniň taryhynda örän möhüm pursat boldy.JENEWA konferensiýasynda goşmaça protokollar görnüşinde täze resminamalary kabul etmek ýoly bilen ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryny goramagy güýçlendirmek pikiri döredi.

Ynsanperwerlik ideýasy biziň Baş kanunymyzda şeýle beýan edilýär;’’Adamyň hukuklary eldegrilmesizdir,olary adamyň elinden alyp bolmaz,adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da onuň

hukuklaryny çäklendirmäge  hiç kimiň haky ýokdur.Beýle ýagdaýa diňe kostitusiýa we kanunlarda agzalyp geçilen belli bir hukuklary hem azatlyklary onuň beýleki hukukdyr azatlyklaryny inkär etmek ýa-da kemsitmek üçin ulanylmaly düldir.Adam Türkmenistanda azat ömür sürnäge ,ýaşamaga doly haklydyr.Hiç bir adam ýaşaýşa bolan hukugyndan mahrum edlip bilinmez,döwlet her bir adamyň erkin ýaşamaga bolan hukugyny kanun esasynda goraýar’’

NYN-nyň özüniň aýratyn wezipesi we usuly hem çeşmeleri bar.Ylym hem hukugyň bir pudagy hökmünde NYN-nyň öňünde durýan maksatlar we wezipeler nukdaý nazaryndan bu örän möhüm we häsiýetli aýratynlykdyr.Häzirki döwürde NYN-gy aýratyn orny eýeleýär,mälim bolşy ýaly, 20-nji asyr köp uruşlar ýaragly çaknyşmalar bilen häsiýetlendirilýär.Olaryň hatarynda birinji we ikinji jahan uruşlary,Ýugoslawiýadaky, Owganystandaky çaknyşyklar we beýlekiler bar.Bularyň hemmesi NYN-nyň meseleleriniň diňe geçen asyrda däl eýsem 21-nji asyrda hem ileri tutulmagyna getirýär.Her bir hukuk ylmynyň öz çeşmeleri bar,NYN-nyň çeşmeleriniň arasynda halkara hukuk resminamalary milli kanynlar çykyş edýärler.Hukuk çeşmesi-hukuk kadalaryny düzgünleşdirýär,olary herekete getirýän we ýatyrýan hukuk kadalarynyň jemine diýilýär.

BMG-nyň halkara hukugynyň çeşmeleri şular;

1.Halkara ylalaşyklar(konwensiýalar)

2.Halkara adaty.

3.Halkara guramalaryň,halkara kazyýetiň kararlary,çözgütleri.

Ýokary hünärli hünärmenleriň taglymatlary.Bularda ähli halkara bileleşigi üçin hökmany bolan kadalar bardyr.

# BMG –NYŇ BAŞ ASSAMBLEÝASY

BMG Baş Assambleýasy 1945-ýylda BMG ustawyna laýyklykda tassyklanyp, ol BMG esasy maslahat beriji, direktiw we wekiliyetli guramasy bolup durýar. Assambleýa Birleşen Milletler Guramasynyň 192 agzasyndan ybarat bolup ol, Ustawda beýan edilen halkara meseleleriň ähli spektoryny köptaraplaýyn çözmek üçin forum bolup hyzmat edýär. Assambleýa nobatdaky her ýyl sentýabrdan dekabr aralygynda geçirilýän sessiýa şeýle-de zerur bolan halatynda indiki möwsüme ýygnanýar.

## BMG-niň taryhy

XIX asyryň dowamynda döredilen halkara guramalar esasan poçta hyzmatyny,saglygy goraýyşy we habar beriş ulgamyny ýola goýmak ýaly meseleleri çözüpdirler. XIX asyrda "Ýewropa konserti" BMG nesilbaşysy hasaplanylýar. Munuň özi döwletleri syýasy maksatlara ýetmek üçin ähli zatdan öňürti, harby serişdeler bilen däl-de eýsem diplomatik ýollar arkaly birleşdirmäge synanyşyk bolupdyr. "Ýewropa konseti" harby hereketleri ýöretmegiň düzgünlerini, halkara arbitraž we ýaragsyzlandyrmak meselelerini öz içine alýan halkara hukugynyň konsepsiýasyny emele getirmäge saldamly goşant goşdy. Ýöne diňe Birinji jahan urşundan soň 1919-

njy ýylda “halklaryň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek hem-de olaryň parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ” Wersal şertnamasyna laýyklykda parahatçylygy we howpsuzlygy hem-de halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmeklige gönükdirilen Milletler Birligi atly köpmaksatly gurama döredilýär. Milletler Birligi öňki döwletara birleşikler ýaly esasan Ýewropa we tutuşlygyna günbatara gönükýär. Ol kolonial deržawalaryň we olarayň soýuzdaşlarynyň ösüş mümkinçiliklerini açyp görkezýär. Şeýle etmek bilen ol, Afrika, Aziýa, Ýakyn Gündogaryň we Latyn Amerikasynyň ýurtlarynyň isleglerini ikinji planda goýýar. Olaryň köpüsi bolsa kolonial sütemiň astyndady. Ahyrky netijede bolsa Milletler Birligi Ikinji jahan urşunyň öňüni almaklyga ukypsyz boldy we 1946-njy ýylda öz işini kagyz ýüzünde gutardy.

## BMG-ni tassyklanmagynyň taryhy

Uruş ýyllarynda esasy soýuz deržawalar bolan ABŞ, Beýikbritaniýa, Sowet Soýuzy, Fransiýa we Hytaý Osyň, Germaniýanyň, Italiýanyň we Ýaponiýanyň deržawalaryna garşy durmaklyga esaslandyrylan täze halkara guramany döretmeklige tarap ädim ätdiler. 1941-nji ýylda “beýleki erkin halklar bilen uruşda-da, parahatçylykda-da agzybir işleşmeklige borçlanan soýuzdaşlaryň ” Londonda gol

çekilen deklarasiýasy Birleşen Milletler Guramasyny döretmeklige tarap ädilen ilkinji ädim boldy. 1941- nji ýylyň 14-nji awgustynda ABŞ prezidenti Franklin Delano Ruzwelt we Birleşen Korollyklaryň premýer-ministri Uinston Çerçill parahatçylygy we howpsuzlygy goldamakda halkara hyzmatdaşlygyň meýillerini teklip edýärler. Duşuşyk wagtynda "nirededir bir deňizde" gol çekilen resminama Atlantik hartiýa hökmünde tanalýar.

## 1942 ý. Birleşen Milletleriň Deklarasiýasy

1942-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda "Os" ýurtlarynyň garşysyna göreşen soýuzdaş 26 döwletiň wekilleri "Birleşen Milletleriň Deklarasiýasyna" gol çekip, Atlantik hartiýany goldaýandyklary hakda beýan etdiler. Bu resminamada preziden Ruzwelt tarapyndan teklip edilen "Birleşen Milletler" resmi ady ilkinji gezek ulanylýar.

## 1943 ý. Moskwa we Tegeran konferensiýasy

1943-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Moskwada gol çekilen deklarasiýada Sowet Soýuzynyň, Birleşen Korollyklaryň, Birleşen Ştatlaryň we Hytaýyň hökümeti parahatçylygy we howpsuzlygy goldamak üçin halkara guramany gyssagly döretmäge çagyrýardylar. Bu maksat Tegeranda 1943-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Birleşen

Ştatlaryň, SSSR-iň we Birleşen Korollyklaryň ýolbaşçylarynyň duşuşygynda ýene bir gezek tassyklandy.

## 1944 ý. Dumbarton-Ouksedäki konferensiýa

BMG ilkinji çyzgylary Waşingtonda “Dumbarton-Ouks” ady bilen belli bolan ymaratda ýörüte BMG döretmeklige bagyşlanan konferensiýada çyzyldy. 1944-nji ýylyň 21-nji sentýýabryndan 7-nji oktýabra çenli geçen maslahatyň iki bölüminde Birleşen Ştatlar, Birleşen Korollyklar, SSSR we Hytaý bütindünýä guramanyň maksatlary, düzülişi we ýerine ýetirilen işleri hakda ylalaşdylar.

## 1945-nji ýylyň fewraly. Ýalta konferensiýasy

1945-nji ýylyň fewralynda Ýaltadaky duşuşykdan soň preziden Ruzwelt, premýer-ministr Çerçill we premýer Iosif Stalin parahatçylygy we howpsuzlygy goldamak üçin ähliumumy halkara guramany tassyklamak hakda öz kararlaryny beýan etdiler.

## 1945 ýylyň iýuny. San-Fransiskodaky konferensiýa

1945-nji ýylyň 25-nji aprelinde 50 ýurtdan delegatlar halkara guramany döretmek meselesi boýunça Birleşen Milletleriň konferensiýasyna San-Fransiska ýygnanýarlar.

Delegatlar 111 maddadan ybarat bolan Ustawy taýýarladylar. Ol 1945-nji ýylyň 25-nji iýunynda biragyzdan kabul edildi.

1945-nji ýylyň 24-nji oktýabry. Birleşen Milletler Guramasy döredildi; Onuň Ustawy Howpsuzlyk geňeşiniň 5 sany hemişelik agzasy we oňa gol çeken beýleki döwletler tarapyndan hasaba alyndy we güýje girdi.

1947-nji ýyl. Bu ýylyň 24-nji oktýabry "Birleşen Milletler güni" diýlip yglan edildi.

1946-njy ýylda Londonda, Westminster köşgünde ilkinji howpsuzlyk geňeşi ýygnanýar; Ol öz etmeli işleriniň düzgün-tertibini kabul edýär.

1948-njy ýylda Baş Assambleýa adam hukuklarynyň ähliumumy deklarasiýasyny kabul edýär.

## Baş Assambleýanyň borçlary we wezipeleri

BMG Ustawyna laýyklykda BMG Baş Assambleýasy şu aşakdaky borçlara we wezipelere eýe:

Halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny goldamak işinde, şol sanda ýaragsyzlanmak meselelerinde hyzmatdaşlygyň umumy meýillerine garamak we degerli maslahatlary bermek.

Halkara parahatçylygy we howpsuzlygy goldama degişli ähli meseleleri seljermäge we howpsuzlyk geňeşiniň

garamagyndaky haýsydyr bir jedel ýa-da adatdan daşary ähli meselelerde maslahat bermek.

Halkara syýasy hyzmatdaşlygyna, halkara hukugyny hasaba almaklyga we ösdürmeklige, adam hukuklaryny durmuşa ornaşdyrmaklyga täsir etmekligiň maksatnamalarynda barlaglary guramak we görkezmeleri taýýarlamak, ykdysadyýet, sossial we gumanitar pudaklarda, medeniýetde, bilimde we saglygy goraýyşda halkara hyzmatdaşlygyna täsir etmek.

Howpsuzlyk geňeşiniň we BMG beýleki guramalarynyň dokladlaryny almak we garamak, Birleşen Milletler Guramasynyň Býudžetine garamak we tassyklamak, agza döwletleriň töleýän pajlarynyň ölçegini bellemek.

Howpsuzlyk Geňeşiniň we BMG organlarynyň we beýleki geňeşleriň hemişelik däl agzalaryny saýlamak hem-de Howpsuzlyk Geňeşiniň görkezmesi boýunça General sekretary bellemek.

Baş Assambleýanyň 1950-nji ýylyň 3-nji noýabrynda kabul edilen “Parahatçylygyň haýryna birlik” rezolýusiýasyna laýyklykda eger, Howpsuzlyk Geňeşi, haçanda parahatçylyga abanýan howpuň esaslary, parahatçylygy bozmak ýa-da agressiýa akty bolaýan ýagdaýynda, hemişelik agzalaryň biriniň garşysyna ses bermek sebäpli hereket etmekden ejiz gelse, Assambleýa bu babatda çäreleri kabul edip bilýär. Assambleýa bu meselä gyssagly garap, Guramanyň agzalaryna zerur

maslahatlary bermek maksady bilen, halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny goldamak ýa-da dikeltmek üçin köpçülikleýin çäreleri geçirip bilýär.

2000-nji ýylda kabul edilen Müňýyllygyň Taryhy Deklarasiýasy agza döwletleriň anyk maksatlara ýetmeklige ygrarlydyklaryna şaýatlyk edýär. Deklarasiýada parahatçylygy, howpsuzlygy we ýaragsyzlanmagy üpjün etmek maksady bilen; ösüş we garyplygy köki-damary bilen ýok etmek, daş-töweregi goramak, Afrikanyň esasy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we BMG jebisleşdirmek beýan edilýär.

## Kararlaryň kabul edilişi

Assambleýada her agza döwlet bir sese eýe. Aýratyn möhüm meseleler boýunça kararlary kabul etmeklige 2-3 sany agza döwlet gatnaşýar. Beýleki meseleler boýunça kararlar ýönekeý köpçüligiň ses bermeginde kabul edilýär.

Soňky ýyllarda ara alnyp maslahatlaşylýan meseleler boýunça, çözgütleri resmi ses bermeklik arkaly kabul etmeklige däl-de, konsensusy gazanmaklyga aýratyn üns berilýär. Şol hem Assambleýanyň çözgütleriniň has işeňňir goldanmagyny üpjün edýär. Başlyk konsultasiýany geçirip, delegasiýa bilen ylalaşyk gazanandan soň rezolýusiýany sessiz kabul etmekligi teklip edip bilýär.

## Baş Assambleýanyň resmi däl ýygnaklary.

Özüniň 52-nji sessiýasynda Baş Assambleýa soraglar boýunça konsesusy Birleşen Milletler Guramasynyň kemala gelşiniň meselelerini çözmek ýoly arkaly Baş Assambleýanyň resmi däl plenar ýygnaklarynda gazanmagyň täze usulyny teklip etdi. Resmi däl ýygnaklary geçirmegiň tejribesi köplenç halatda Birleşen Milletler Guramasynyň müňýyllygyň Sammitine degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşmakda teklip edildi. Elli sekizinji we elli dokuzynjy sessiýalarda bu tejribe ähli delegasiyalar üçin açyk bolan şeýle hem Assambleýanyň Başlygynyň ýolbaşçylygy astynda toparlaýyn ara alyp maslahatlaşmalary we tematik çekeleşikleri guraýan Baş komitetiň resmi däl ýygnaklaryny geçirmekligi öz içine aldy.

## Kömekçi guramalar

### Alty sany esasy komitet

Birinji komitet-yaragsyzlandyrmak we halkara howpsuzlik boýunça komitet yaragsyzlandyrma we halkara howpsuzlygyna degişli meseleler bilen meşgullanýar. Ýörüte syýasy meseleler we koloniýadan azat etmek meseleleri boýunça komitet (dördünji komitet)

birinji komitete degişli bolmadyk syýasy meseleler we koloniýadan azat etmek bilen meşgullanýar. Ykdysadyýet we maliýe meseleleri boýunça komitet (ikinji komitet) ykdysady meseleler bilen meşgullanýar. Ýörüte we gumanitar hem-de medeniýet meseleleri boýunça komitete (üçünji komitet) sossial we gumanitar häsiýetli meseleler bilen meşgullanýar. Administratiw we býudžet meseleleri boýunça komitete(bäşinji komitet) BMG administratiw we býudžet meseleleri bilen meşgullanýar. Hukuk boýunça komitet (altynjy komitet) halkara hukuk meseleleri bilen meşgullanýar.

## Baş komitet

Assambleýanyň başlygyndan we başlygynyň 21 orunbasaryndan hem-de 6 sany esasy komitetiň başlyklaryndan ybarat Baş komitet Assambleýanyň gün tertibini we iş guramaçylygyny tassyklap bilýär. Altmyşynjy sessiýanyň Başlygynyň, Başlygynyň orunbasarlarynyň we esasy komitetleriň başlyklarynyň öňünden saýlanmagy sebäpli sessiýanyň Baş komiteti has öňünden doly emele geldi.

## Ýerine ýetirilişi barlamak boýunça komitet

Her sessiýada Baş Assambleýa tarapyndan bellenilýän ýerine teirilişi barlamak boýunça Komitet Assambleýa wekilleriň wezipelerini ýerine ýetirişleri hakynda hasabat berýär.

## Sebitleýin toparlar

Wagtyň geçmegi bilen Baş Assambleýada dürli resmi däl sebitleýin toparlar ýüze çykdy. Olar gündelik meseleler boýunça maslahatlary bermegiň mehanizmi bolup hyzmat edýär. Bular Afrika, Aziýa, Gündogar Ýewropa, Latyn Amerikasy döwletleriniň, karib howdanynyň we beýleki döwletleriň toparlary. Bu sebitleýin toparlaryň wekilleri Baş Assambleýanyň başlygynyň wezipesinde biri-birini çalyşýarlar. Baş Assambleýanyň altmyş birinji sesiýasynyň Başlygy edilip Aziýa döwletleriniň Toparynyň wekili saýlandy.

## Ýörüte sessiýalar we adatdan daşary ýörüte sessiýalar

Nobatdaky sessiýanyň ýany bilen Assambleýa ýörüte we adatdan daşary ýörüte sessiýalary geçirip bilýär.

Dürli ýyllarda Assambleýa tarapyndan 28 sany ýörüte sessiýa çagyryldy. Olar Palestinanyň meseleleri, BMG

maliýe meseleleri, Namibiýa, ýaragsyzlandyrma we beýleki meseleler boýunça geçirildi.

## Assambleýanyň işiniň amala aşyrylyşy

BMG işi köplenç halatda Baş Assambleýanyň çözgütleri esasynda: ýaragsyzlandyrma, älem giňişligini öwrenmek, parahatçylygy goldamak, ykdysady ösüş, daş-töweregi we adam hukuklaryny goramak şeýle-de gerekli dokladlary taýýarlamak maksady bilen Assambleýa tarapyndan tassyklanan komitetler we beýleki guramalar;

BMG sekretariaty-düzüminde halkara raýat gullukçylary bolan Baş sekretar we onuň işgärleri tarapyndan amala aşyrylýar.

## BMG ýörüteleşdirilen edaralary

BMG bilen bagly hyzmatdaşlyk hakda ýörüte ylalaşygy bolan özbaşdak halkara guramalar BMG ýörüteleşdirilen edaralary bolup durýar. Ýörüteleşdirilen edaralar hökümetara ylalaşyklar esasynda döredilýär.

# Kofi Annan BMG-niň bas sekretary (1997-2006)

Kofi Annan 1938-nji ýylda Kumasi şäherinde (Gana) dogulýar.Ol Kumaside ýerleşen ylmy –tehniki uniwerisitetde okaýar.1961-1962-nji ýyllarda Jenewada Ýerleşýän halkara meselelerini öwredýän ýokary inistitutda aspirantlyk kursuny hem tamamlaýar.Kofi Annan 1962-nji ýylda BMG-da Bütindünýä saglygy goraýyş meselesi boýunça administratiw işgär hökmünde işe başlaýar.Soňra BMG-niň Afrika üçin Addis-Abebde ykdysadyýet kommisiýasynda şeýle hem Ismaildaky BMG-niň adatdan daşary harby güýjüniň düzüminde, 1987-1990-njy ýyllada bolsa guramanyň iş maksatnamalaryny düzmek meselesi boýunça Baş sekretaryň kömekçisi wezipelerinde işleýär.Geçen asyryň ahyrlarynda ýiti dawalary, özara öňsuksyzlyk zerarly peýdasyz utuşlary alyp baran Yrak hem-de Küweýtin dawalary meselesinde K.Annan BMG-niň Irak bilen gepleşikleri geçirmek üçin ilkinji toparyny düzüp, şeble hem Yragyn nefti, gumanitr kömekler barada gepleşikleriň geçirilmegine gazanýar.1993-1995-nji ýyllarda bolsa Baş sekretaryň kömekçisi wezipesinde işlän ýyllarynda K.Annanyň BMG-niň ýeriň ýüzünde parahatçylygy goramak, berkitmek, döwletler arasynda

dürli konfliktleri çözmek ýaly syýasy işlerinde Gersegowinanyň arasyndaky urşuň ýatyrylyp, ikitaraplaýyn ylalşyk gazanylmagynda hem öz täsirini ýetirýär.

K.Annan BMG-niň Baş sekretary wezipesine 1997-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda girişýär.2001-njy ýylyň 29-njy iýunynda bolsa Baş Assambleýänyň karary bilen wezipesiniň iklinji möhletine girişýär.

2000-njy ýylyň aprel aýynda K.Annan täze müň ýyllyga gadam basylmagy bilen „Biz'' halklar, 21-nji asyrda BMG-niň orny atly doklad bilen çykyş edýär.Bu dokladyň esasy manysy gurama agza döletler üçin öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek, ýeriň ýüzünde garyplygyň soňuna çykmak, deňsizligi ýok etmek, adamzada howply keseliň ýaýradylmagynyň soňuna çykmak (SPID), çaga ölüminiň azalmagy ugrunda göreşe, adamlar arasyndaky dawalaryň garşysyna göreş çagyryşy bolup ýaňlandy.Bu doklad „müňýyllygyň deklarasiýasy'' hökmünde kabul edildi.

2001-njy ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň Baş sekretary KOFI Annan Nobel baýragy bilen sylaglanýar.Baş sekretary Nobel baýragy bilen sylaglamak hakynda karar gelen Norwegiýanyň nobel komiteti şeýle belleýär. Guramanyň ösüşine hiç kim K.Annan ýaly ýardam etmändi.

Baş sekretar erkin iňlis, fransuz, birnäçe afrika dillerinde gürleşip bilýär.Maşgalasy Nane Annan (SWESIÝA) ýürist hem suratkeş 3-sany çagasy bar.

## Zähmediň Halkara Guramasy

Zähmediň halkara guramasy munuň özi BMG ýörüteleşdirilen edarasy bolup, ol zähmet gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak meseleleri bilen meşgullanýan halkara guramadyr. Häzirki döwürde ZHG 180 döwlet girýär. 1920-nji ýyldan bäri Guramanyň-Zähmediň Halkara býurosynyň ştab-kwartirasy ženewada ýerleşýär. Moskwada Gündogar Ýewropanyň we Merkezi Aziýanyň ýurtlary üçin sebitleýin býuronyň edarasy (ofisi) ýerleşýär.

## ZHG döreýiş taryhy, ösüşi we wezipeleri

1919-njy ýylda Wersal parahatçylyk ylalaşygy esasynda Milletler Birligi bölüminiň düzümi hökmünde döredilýär. Ol günbatar sossial-demokratiýanyň işeňňir gatnaşmagynda we başlangyjynda esaslandyrylýar. ZHG Ustawy parahatçylyk konferensiýasynyň zähmet boýunça komissiýasy tarapyndan işlenip düzüldi we XIII Wersal ylalaşygynyň bir bölegi boldy. ZHG döretmek zerurlygy şu aşakdaky sebäplere görä kesgitlendi:

### Birinji-syýasy

Russiýadaky we Ýewropanyň beýleki ýurtlaryndaky rewolýussiýalar ZHG döretmäge sebäp boldular.

Jemgyýetde ýüze çykýan gapma-garşylyklary bütindünýäde sosial ösüşe, jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň arasynda sossial parahatçylygy goldamaga, emele gelýän sossial meseleleri parahatçylykly çözmek maksady bilen ZHG guramaçylary halkara guramasyny döretmegi karar etdiler.

**Ikinji-sossial**

Zähmetkeşleriň durmuşy we iş şertleri agyrdy. Olaryň sossial goraglylygy düýbünden ýokdy. Sossial ösüş ykdysady ösüşden görnetin yza galyp, jemgyýetiň ösüşini togtadypdy.

**Üçünji-ykdysady**

Käbir ýurtlaryň, zähmetkeşleriň ýagdaýyny gowulandyrmaklyga ymtylmalary bäsdeşlik söweşini kynlaşdyrýardy we köp ýurtlarda sossial meseleleri çözmekligi talap edýärdi.

Ilkinji general direktor we döretmek başlangyjy bilen çykyş eden – fransuz syýasatçysy Alber Tomadyr. Häzirki döwürde Huan Somawia general direktor hasaplanylýar.

1934-nji ýylda ABŞ we SSSR ZHG agzalary boldular. 1940-njy ýylda Ikinji jahan urşy sebäpli ZHG ştab-kwartirasy wagtlaýyn Kanada – Monreala geçirildi. Onuň hasabyna guramanyň üznüksiz işi saklanyp galdy. 1940-njy ýylda SSSR ZHG agzalygyny wagtlaýyn bes etdi we ony 1954-nji ýylda gaýtadan dikeltdi. Şondan bärem ZHG agzalary Belorus bilen Ukraina boldy.

1944-nji ýylda Filadelfiýadaky zähmediň halkara konferensiýasy ZHG uruşdan soňky wezipelerini kesgitledi. Onda şu wezipeleri kesgitleýän Filadelfiýa deklarasiýasy kabul edildi. Deklarasiýa ZHG Ustawynyň aýrylmaz bölegi boldy. SSSR hökümeti Zähmediň Halkara Býurosynyň konferensiýa gatnaşmak çakylygyny kabul etmedi. 1945-nji ýylda Zähmediň Halkara Býurosy Ženewa dolanyp bardy.

ZHG maksady we wezipeleri onuň Ustawynda yglan edilen. ZHG işi işçileriň, iş berijileriň we hökümetiň üçtaraplaýyn wekilýetçiliginiň – üçpartizm esasynda guralýar.

ZHG iň bir gadymy abraýly halkara guramalaryň biri. Milletler Birliginiň ýanynda döredilen bu halkara gurama 1946-njy ýyldan bäri BMG ilkinji ýörüteleşdirilen edarasy boldy. Eger onuň döredilen pursadynda oňa 42 döwlet gatnaşan bolsa, 2000-nji ýylda olaryň sany 174-e yetdi.

ZHG tapawutly tarapy-üçpartizm, çäginde hökümetara gepleşikler, zähmetkeşleriň guramalary we telekeçileriň gepleşikleri geçirilýän üçtaraplaýyn düzümi. Bu üç toparyň delegatlary Guramanyň ähli derejesinde deň esasly maslahatlaşýarlar.

Zähmediň Halkara konferensiýasy ZHG ýokary organy hasaplanylýar. Onda ZHG ähli aktlary kabul edilýär. Halkara Konferensiýanyň delegatlary hökümetden iki ýa-da bir wekilden bolup bilýär. Zähmediň Halkara Býurosy ZHG sekretariatynyň işini ýerine ýetirýär. ZHG zähmet meselelerine bagyşlanan konwensiýalary we görkezmeleri kabul edýär. Konwensiýalaryň we görkezmeleriň ýany bilen üç sany deklarasiýa kabul edildi: ZHG maksatlary we wezipeleri hakdaky ZHG 1944-nji ýyldaky Filadelfiýa deklarasiýasy(häzir ZHG Ustawyna girizilen), ZHG 1977-nji ýyldaky köpmilletli kärhanalar we sossial syýasat hakdaky Deklarasiýasy şeyle-de ZHG 1998-nji ýyldaky zähmet pudagynda esaslandyrylan hukuklar we meýiller hakdaky Deklarasiýa.

## ZHG Filadelfiýa deklarasiýasy

1944-nji ýylda ABŞ Filadelfiýada geçen sessiýada Zähmediň Halkara konferensiýasy Guramanyň maksatlaryny we wezipelerini kesgitlenen Filadelfiýa Deklarasiýasyny kabul etdi.

Deklarasiýada şu aşakdaky meyillere amal edilýär:
Zähmet haryt hasaplanmaýar;
Söz azatlygy we birleşmek erkinligi hemişelik ösüşiň zerur şerti hasaplanýar;
Garyplyk islendik ýerde umumy gowy hal-ýagdaý üçin howp hasaplanýar;
Ähli adamlaryň özüniň tenine, dinine ýa-da jynsyna garamazdan, erkinligiň, ykdysady durnuklylygyň we deň mümkinçiligiň şertlerinde, özüniň maddy hal-ýagdaýyny we ruhy ösüşini amala aşyrmaga hukugy bar;

**Iş usullary we esasy iş pudaklary**

ZHG baş maksady sossial-ykdysady ösüşe täsir etmek, adamlaryň zähmet şertlerini gowulandyrmak we hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak, hukuklaryny goramak. ZHG şu maksatlardan gelip çykýan esasy wezipeleri şu aşakdakylar hasaplanylýar:
Sossial-zähmet meselelerine gönükdirilen ylalaşykly syýasaty we meýilnamany işläp taýýarlamak.
Konwensiýa we gürkezme görnüşindäki halkara zähmet normalaryny işläp düzmek, kabul etmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.
Gatnaşyjy ýurtlara işsizligi kemeltmek we migrassiýany kadalaşdyrmak meselelerini çözmeklige ýardam etmek.

Adam hukuklaryny goramak(zähmede, bileleşige, köpçülikleýin gepleşiklere hukugyny, zähmede zorlamakdan goramak we ş.m.)
Garyplyk bilen göreşmek, zähmetkeşleriň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak, durmuş üpjünçiligini ösdürmek.
Işleýänleriň we işsizleriň hünär taýýarlygyna täsir etmek.
Zähmet şertlerini gowulandyrmagyň meýilnamasyny işläp düzmek we durmuşa geçirmek, zähmediň gigiýenasyny we tehniki howpsuzlygyny saklamak hem-de daşky gurşawy goramak we dikeltmek.
Zähmetkeşler guramalaryna we telekeçilere öz işlerinde hökümet bilen bilelikde sossial-zäyhmet gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak boýunça goltgy bermek.
Zähmetkeşleriň iň ejiz toparlaryny (aýallary, ýaşlary, garry adamlary) goramak boýunça çäreleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek.

ZHG öz işinde dürli usullary ulanýar. Şolardan esasy 4-sini bellemek bolar:1. zähmetkeşleriň, zähmetkeşler guramalarynyň we telekeçileriň sossial ýoldaşlygyny ösdürmek(üçpartizm).2. halkara zähmet normalaryny işläp düzmek we kabul etmek: konwensiýalar we görkezmeler, olaryň ulanylyşyna gözegçilik etmek(normadöredijilik işi). 3. ýurtlara sossial-zähmet meselelerini çözmeklige ýardam etmek. ZHG bu tehniki hyzmatdaşlyk diýip atlandyrylýar. 4. sossial-zähmet meseleleri boýunça barlaglary geçirmek

we publikassiýalary amala aşyrmak. Üçpartizm ZHG esasy iş usuly. Ol onuň ähli halkara guramalardan tapawutly tarapy. Ähli sossial-zähmet meseleleri häkimiýetleriň, zähmetkeşleriň we telekeçileriň özara ylalaşykly hereketleriniň netijesinde üstünlikli çözülip bilner.

## Aýallar hukugy barada

Adamyň hukuklarynyň halkara goragy ilkinji jahan urşundan emele geldi, onuň bilen birwagtyň özünde bütin dünýä jemgyýetçilik ösüş hereketiniň esasynda adam hukuklaryny goramak boýunça halkara inistitutlaryny hem getirdi.Aýallaryň hukuklaryny goramaga degişli bolan käbir kadalar 2-nji jahan urşundan öň hem halkara hukuklarynyda bardy, ýöne olarda aýallaryň hukuklaryny goramak barada hiç zat diýlenokdy, diňe aýallaryň meselelerine kem-käşleýiň degýän döwletleriniň beýleki işlerini goramak babatda gürrüň edolýärdi.

Türkmenistanda aýallar we erkekler deňhukuklydyrlar.Jyns tarapyndan deňsizlige sezewar bolmak kanun tarapdan jogapkärçilge çekilýändir. Kanunçylygyň üstün çykmak ýörelgeleri raýatlaryň we döwletiň arasyndaky gatnaşyklary jähtde-de hereket edýär, olar kanun bilen düzgünleşdirilýär, döwlet gurluşynyň wezipeli adamlaryna garaşly bolamaýarlar.Bu ýörelge aýallaryň azatlygyny we hukuklaryny goraýan hukuk kepillendirmeler ulgamunda hem ýörgünlidir.

Hakyky azatlyk aýallaryň Türkmenistanda geçýän agyr proseslere gatnaşmaklary, olaryň jemgyýeti täzeden gurmak, onuň işlerine ýolbaşçylyk etmek ýaly jähtlerde awtikleşmekleri, jemgyýetçilik we hukuk medenýetini

ýokary derejä çykarmalary, öňdebaryjy durmuş orunlaryna we azatlyklaryna akyl ýetirmekleri, olary ähli durmuş ýagdaýlarda ulanyp bilmekleri, biziň jemgyýetimiziň demokratiýalaşmagyna, biziň durmuşymyza gabat gelmeýän we aýallaryň abraýyny gaçyrýan däp-dessurlary dikeltmäge bolan synanşyklary ýok etmäge mümkinçilik berýär.Bu mesele barada Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasaty aýallaryň jemgyýetdäki ornuny ýokarlandyrmak syýasatyna gönükdirilendir.Aýallaryň jemgyýetde ornunyň ösmegine, olaryň abraý gazanmaklaryna, biziň täze demokratik şertlermizde emele gelen Türkmenistanyň Zenanlar birleşmelerine (Gurbansoltan eje adyndaky zenanlar guramasy) tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän aýallaryň jemgyýetçilik hereketi ýardam berýär.

Aýallaryň durmuşynyň gowylanmagy jemgyýetiň dumuşyna uly täsir edýändigine garamazdan aýallaryň sosial, ykdysady, syýasy we medeni jähtlerde heniz hem kemsitmelere sezewar bolýandygyny görmek bolýar.Aýallaryň hukuklarynyň we potensiallarynyň durmuşda doly möçberde berjaý edilmese soňa çenli dünýäniň möhüm problemasynyň gowy durmuşda ýaşaýarlar, olaryň durmuş obzalarynyň içine zähmet çekmeklik we maşgala barada alada etmeklik girýändir.Dünýä möçberinde alanynda iň möhüm taryhy meseleleriň içinde ,,aýallar meselesi’’ bolup durýar. Aýalaryň syýasatda, ykdysadyýete täsir edişi, olaryň

hökümet guramalaryna gatnaşygy, biznesede aktiwleşmegi, aýallaryň maşgaladaky orny-bular şu döwran temalarydyr.

XXI-asyryň bosagasynda aýallaryň hukuklaryny goramak babatynda iş alyp barmakllyk aktiwleşip kuwwatly global impulsa eýe boldy. Birnäçe ýyllaryň dowamynda aýallaryň we erkekleriň arasyndaky depligi gazanmakda düýpli üýtgeşmeleriň bolandygy şübhesizdir.

# GENDER DEŇLIGINIŇ HALKARA STANDARTLARY

Gender deňligini üpjün etmek işine dünýä bileleşigi tarapyndan adamzadyň siwilizlenen ösüşiniň möhüm ugry, demokratiýanyň belent ýörelgeleriniň tassyknamasy, adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegi hökmünde garalýar. Birleşen Milletler Guramasynyň köp sanly halkara-hukuk resminamalarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýän bu pikir 2009-njy ýylyň aprelinde Aşgabatda geçirilen „Gender syýasatyny işläp düzmekde halkara standartlary“ atly Halkara maslahatynyň esasy ugry boldy. Ony Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty we BMG-niň ilat gaznasy (UNFPA) gurady.

BMG-sy tarapyndan gender deňligini üpjün etmäge gönükdirilen iş adamzat üçin uly ähmiýete eýedir. Ol BMG-niň ileri tutulýan umumy ugurlarynyň arasynda merkezi orunlaryň birini eýeleýär. BMG-sy gender deňliginiň meseleleri boýunça Kadalaýyş binýady şu aşakdaky üç resminamada öz beýanyny tapýar:

1979-njy ýylda güýje giren we BMG-niň agza ýurtlarynyň ählisi tarapyndan ratifisirlenen Zenanlar babatda kemsidilmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky Konwensiýanyň (ZKÝK) , 1994-nji ýylda Kairde geçirilen ilat gaznasy we ösüş boýunça halkara maslahatynda (IÖNN) kabul edilen Hereket etmegiň maksatnamasy we Hereket etmegiň Pekin platformasy hem-de Pekin Jarnamasy Jemleýji resminamalar kabul edilen Zenanlaryň ýagdaýy boýunça 4-nji Bütindünýä maslahaty, 1995-nji

ýylda geçirilen ol maslahat Pekin maslahaty görnüşinde meşhurdyr. Gender deňligi we zenanlaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi Müňýyllygyň ösüş maksatnamasynyň biri bolup durýar. Müňýyllygyň ösüş maksatnamasy (MÖM) ählumumy başlangyç bilimi üpjün etmek, eneleriň saglygyny gowulandyrmak, ekologiýa durnuklylygyny üpjün etmek ýaly ugurlarda ygtybarly ähmiýete eýedir.

Gender deňligini üpjün etmegiň esasy meseleleri häzirki wagtda anyk kesgitlenendir. Dürli ýurtlaryň hökümetleri bu ulgamdaky täze ugurlara eýermek üçin ähli tagallalary edýärler. Aýal-gyzlaryň tutýan ornunyň artmagynyň ýurduň ösmegi üçin ähmiýetli faktor bolup durýandygy köp döwletleriň häzirki zaman ösüş tapgyrynda ençeme gezek ynamly subut edildi. Gender syýasaty islendik döwletiň köpugurly durmuş-ykdysady syýasatynyň möhüm bölegidir. BMG-niň kesgitlemegine görä, gender çemeleşmesi islendik meýilleşdirilýän çärä olaryň aýallara we erkeklere ýetirýän täsiri nukdaýnazaryndan kanunçylyk, dürli ulgamlarda we derejelerde amala aşyrylýan gündelik we perspektiwaly maksatnamalar babatynda baha bermegi göz öňünde tutýar.

Türkmenistan Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap zenanlaryň jemgyýetçilik syýasy durmuşyň ähli ugurlarynda deň hukukly gatnaşmak ýörelgelerini tassyklamaga we berkitmäge gönükdirilen işjeň gender syýasatyny alyp barýar. Türkmen zenanynyň ýokary jemgyýetçilik statusy gürrüňsiz türkmen jemgyýetinde taryhy taýdan kemala gelen demokratik däpler bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanda zenanlaryň ýagdaýy umumy strategiýa we aýal-gyzlar babatyndaky döwlet

syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bilen kesgitlenilýär. Şol syýasatyň maksady bolsa Türkmenistanyň Konstitusiýasynda biziň Bitarap döwletimiziň halkara borçnamalaryna we aýal-gyzlaryň ýagdaýy boýunça dördünji Bütindünýä Konwensiýanyň maslahatlaryna laýyklykda, erkekler we aýallar üçin deň hukuklar we azatlyklar ýörelgelerini durmuşa geçirmekden, deň mümkinçilikleri döretmekden ybaratdyr. Türkmenistan döwleti BMG-niň adam hukuklary boýunça Konwensiýasyndan gelip çykýan öz üstüne alan ähli halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýändigini jar etdi. ýurdumyzda amala aşyrylýan gender syýasaty aýal-gyzlaryň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryna deň hukukly gatnaşmagyny, aýallar we erkekler üçin birmeňzeş mümkinçilikleriň döredilmegini kepillendirýän çäreleri we kanunçylyk goldawyny işläp düzmäge gönükdirilendir.

Adam hukuklary baradaky Ähli umumy Jarnamany ykrar etmek we halkara borçnamalaryna gyşarnyksyz eýermek bilen Türkmenistan aýallaryň hukuklary baradaky Jarnamany we Konwensiýany goşmak bilen adam hukuklary hakyndaky esasy halkara namalaryna goşuldy. Şolaryň hatarynda ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky halkara Ähtnamasyny, raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Ähtnamasyny, aýallar babatynda kemsidilmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky konwensiýany, deň çekilen zähmet üçin erkekler we aýallara deň pul hakyny tölemek hakyndaky, halkara zähmeti guramak, zähmet we kesp-kär babatyndaky kemsidilmeler hakyndaky konwensiýalary görkezmek bolar.

Aýallaryň we erkekleriň deňhukukly adam hukuklarynyň global ulgamynyň aýrylmaz bölekleriniň we sosial adalatsyzlygy üpjün etmegiň şertleriniň biri bolup durýar. Jynslaryň hemmetaraplaýyn deňligini gazanmak demokratik prosesleri doly durmuşa geçirmegiň bahalarynyň biri bolup çykyş edýär. Diňe demokratiýanyň ösen raýat jemgyýetiniň kemala gelen şertlerinde aýallary sosial goraglylygyň obýekti bolmakdan işjeň hereket edýän şahsyýete öwürmäge ýardam edýän şertler döreýär. Türkmenistanda şahsyýetiň hukuklaryny we kanuny bähbitleri hemmetaraplaýyn goramagy berjeý etmek maksady bilen netijeli milli hukuk binýady, kazyýet we hukuk goraýjy edaralar ulgamy, degişli jemgyýetçilik birleşikleri hereket edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda BMG-niň gulluklary we beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlykda bar bolan hukuk goraýjy ulgamy kämilleşdirmek işi alnyp barylýar.

Adam hukuklary babatynda Türkmenistanyň syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegi zenanlaryň ähli taraplaýyn ösüşini we progresini üpjün edýän we erkekler bilen deňlik esasynda zenanlaryň syýasy, ykdysady, sosial, medeni we beýleki ulgamlarda adam hukuklaryny we azatlyklaryny berjaý etmegi üçin döwlet kepilliklerini ýola goýýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda beýan edilen adam hukuklary we azatlyklary baradaky taglymlaýyn kadalar, zenanlaryň hukuklarynyň ileri tutulmagy milli kanunçylykda mundan beýläkde ösüşe eýe boldy. Gender syýasatynyň ösdürilmegi dowam edýär, gender deňligini gazanmak boýunça maksatnamada göz öňünde tutulan çäreler maksada gönükdirilen ýagdaýda ýerine ýetirilýär, maşgalany,

eneligi, zenanlaryň zähmetini we hemmetaraplaýyn goraglylygyny goldamaga gönükdirilen iş ýüzündäki ykdysady, medeni guramaçylyk we beýleki çäreleri durmuşa geçirmegi çaltlandyrmak işi alnyp barylýar. Bularyň ählisi ýurdumyzda halkara konwensiýalarynyň esasy kadalaryny, zenanlaryň hukuklaryny goramaga degişli milli kanunçylygyň kadalaryny ýerine ýetirmek boýunça maksada gönükdirilen işleriň alnyp barylýandygyna şaýatlyk edýär.

## Çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýa.

Biz Birleşen Milletler Guramasynyň iň uly bölümleriniň biri bolan Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) bilen has-da ýakyndan hyzmatdaşlyk edýäris. Turkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.

Ençeme ýyl bäri Türkmenistan BMG-nyň Çagalar gaznasy bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Häzirki wagtda üstünlikli durmuşa geçirilýän bilim özgertmeleri, çagalaryň saglygyny goramakda durmuşa geçirilýän çäreler, kömek pullarynyň bellenilmegi, çagalaryň arasynda dürli medeni çäreleriň geçirilmegi we başgalar biziň ýurdumuzda BMG-nyň „Çaganyň hukuklary hakyndaky“ Konwensiýanyň ýörelgeleriniň aňry ýany bilen amala aşyrylýandygyna güwä geçýär. „1946-njy ýylyň 11-nji dekabrynda Londonda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň ilkinji mejlisi geçirilýär we şonda ÝUNISEF-i döretmek hakynda Jarnama kabul edilýär. ÝUNISEF uruş zerarly adatdan daşary agyr günleri başyndan geçirýän çagalary dini ynanjy, milleti, hukuk ýagdaýy we syýasy ynamy taýdan kemsitmezden gerek bolan kömegi bermek we serişdeler bilen üpçün

etmek üçin döredilýär. ÝUNISEF-iň ilkinji maksatnamalarynyň biri çagalary süýt önümi bilen üpjün etmekden ybarat boldy. Mundan başgada gurama BMG-a agza döwletlerde çaganyň saglygy we durmuş üpjünçiligi boýunçä hyzmatlaryň kämilleşmegi ugrunda hem birnäçe işleri alyp bardy. 1953-nji ýylda ÝUNISEF-i BMG-nyň hemişelik edarasy etmek maksady bilen, Baş Assambleýada ses berişlik geçirildi. Munuň netijesinde asyl ady Birleşen Milletleriň Adatdan Daşary Halkara Çagalar gaznasy bolan bu edara soňra BMG-nyň Çagalar gaznasy ady bilen tanalyp başlandy. ÝUNISEF global derejeli hyzmatdaşlygyň güýji bolmagynda galdy we 1965-nji ýylda parahatçylyk ugrunda edýän tagallalary üçin Nobel baýragyna mynasyp boldy. Bu şahsyýete däl-de, edara berilen taryhda ilkinji baýrak boldy. Gurama 1960-70-nji ýyllarda „Ösüşiň onýyllyklary" ady bilen tanaldy, çünki şol ýyllarda ÝUNISEF diňe adatdan daşary ýagdaýlarda ynsanperwerlik hemaýatyny bermek bilen çäklenmän, eýsem öz güýjüni, mertebesini barha ýaýbaňlandyrdy. Wagtyň geçmegi bilen ÝUNISEF-iň ösüş babatda tutýan orny has anyk häsiýete eýe boldy.1990-njy ýyllar çagalar üçin dünýä Sammitiniň ýyly boldy. Ýokary derejede geçirilen şol sammit taryhda ilkinji gezek çagalaryň meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin dünýä ýurtlarynyň liderlerini bir

ýere jemlän iň uly duşuşyga öwrüldi. 2001-nji ýylda „Çagalar üçin ylalaşyga geleliň“ şygary astynda geçirilen duşuşyk tutuş Ýer togalagynyň çäginde çagalaryň we ululary millionlarçasyny birleşdirdi. 2002-nji ýylda BMG-nyň çäginde çagalaryň meseleleri boýunça geçirilen Aýratyn mejlis tutuşlugyna diňe çagalara bagyşlanan mejlis bolmak bilen çagalaryň wekilçilikli toparlaryny hem gatnaşdyran sessiýalaryň ilkinjisi boldy.

Häzirki wagtda ÝUNISEF-iň wekilçilikleri 150-den gowrak ýurtlaryň çäklerinde ýerleşmek bilen irki çagalykdan başlap, tä kämil ýaşa ýetýänçä çagalaryň hak-hukuklarynyň berjaý edilmegi ugrunda iş alnyp barylýar.ÝUNISEF çaganyň saglygy we iýmitlenmegi, arassa agyz suwunuň, arassaçylyk we öňüni alyş çäreleriniň, oglan-gyzlaryň ählisi üçin hil taýdan gowy bilimiň elýeterliligini we çagalaryň ezilmekden goraglylygyny üpçüň etmek ugrunda üştünlige ýetmegi üns merkezinde goýýan syýasatlary kämilleşdirýär we maksatnamalary goldap çykyş edýär.

ÝUNISEF indi ençeme ýýl bäri Türkmenistan bilen netijeli hyzmatdaşlyk alyp barýar. Soňky bäş ýylyň içinde ÝUNISEF Türkmenistan bilen çagalaryň saglygy, bilimi, irki ösüşi ýaly meseleler, sosial syýasat, ýetginjeklere degişlilikde adalatly kazyýet we çagalar üçin habar beriş serişdeleri boýunça hyzmatdaşlyk

saklap gelýär. Türkmenistan üçin täze maksatnamanyň wezipesi „Çaganyň hukulary hakyndaky“ konwensiýa we çagalar üçin hoşniýetli dünýä, konwensiýa laýklykda çagalaryň we zenanlaryň hak-hukuklarynyň yzygiderli we durnukly berjaý edilişini goldamak bolup durýar. Türkmenistan üçin niýetlenen maksatnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýyla çenli obalryň, şäherçeleriň, şäherleriň we etraplarynyň durmuş şertlerini özgertmek babatyndaky Milli maksatnamasynyň durmuşä geçirilmeginiň çäginde iş alyp barýar. Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty Ministirligi bilen hyzmatdaşlygyň bu ulgamda uly üstünlikler gazandy.Mysal üçin: Türkmenistanda ýod ýetmezçiligi aradan aýryldy. Keselleriň öňüni alyş sanjym çäreleriniň geçiş derejesi ählumumy derejä ýetdi.

Ýaş çagalryň bilimini gowulandyrmak maksady bilen Türkmenistan 2008-nji ýylda çagalaryň kiçi ýaşda bilim almagyna we kemala gelmegine degişli standartlary (ülňileri) kabul etdi. Türkmenistan Bilim hemde Saglygy goraýyş we derman senagaty ministirlikleriniň birleşmelerinden düzülen topar şol standartlaryň durmuşa geçirilmeginiň milli meýilnamasyny işläp düýýärler. Türkmenistanyň Prezidetiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky türkmen milli instituty tarapyndan

utgaşdyrylýan toparyň işine ÝUNISEF ýardam berýär. Türkmen hökümetiniň hemaýaty netijesinde çagalara hoşniýetli mekdepleriň usulyýetlerine laýyklykda bilim bermek maksady bilen. Mugallymlaryň ençemesi işleýän ýerinde bu ugurdan ýörite bilim aldy. Çagalaryň hukuklary babatynda Türkmenistan uly sepgitlere ýetdi. Bu meselede ÝUNISEF Türkmenistan bilen ýakyn hyzmatdaş boldy. Ýetilen belent sepgitleriň arasynda Türkmenistanyň „Çaganyň hukuklary hakyndaky“ konwensiýanyň teswirnamasyny belläp geçmek gerek. Biziň ýurdumyzda çagalaryň teleýaýlymlar, neşirler, teatr sahnasyndaky çykyşlar we interaktiw serişdeler arkaly öňe tarap gadam urmaklary hakynda bimöçber işler alnyp barylýar.Oňa mysal hökmünde „Awaza-dostluk mekany“ atly üçünji halkara çagalar festiwalynyň guramaçylarynyň biri hökmünde ÝUNISEF-iň hyzmatyny görkezmek bolar. ÝUNISEF dünýäniň zehinli çagalaryny biri-birleri bilen tanyşdyrmak we dostlaşdyrmak işine işjeň gatnaşyp gelýär. 150-den gowrak ýurduň çäginde wekilçiligi bolup iş alyp barýan ÝUNISEF üçin bu festiwal „Çaganyň hukuhlary hakyndaky“ konwensiýa çagalar forumyny guramagy meýilleşdirdi we ýer ýüzündäki çagalaryň dostluk-doganlygynyň dabaralanmagyna uly ýardam berdi.

# HALKARA HUKUGYNDA ADAMYŇ WE RAÝATLARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

1.Halkara hukugynda adam hukuklary barada düşünje.

2.Halkara hukugynda adamyn we rayatlaryn hukuklatynyn denesdirmesi.

3.Adam hukuklarynyn kontitusion hukuknamalar arkaly berkidilmegi.

Adamyň durmuşynda azatlyk we deňlik ideýalary aň-bilim eýýamyndan bäri düzülip adamyň doglandan bäri ahlak adatlaryna bolýandygy jar edildi.Şol eýýamyň filosoflary,magaryfçylary hiç kimiň tarapyndan hökümdaryň ýa-da başgalar tarapyndan sowgat we sylag hökmünde bölekleýin ýa-da bütinleý berlip, alnyp bilinmeýän tebigy hukuklaryň konsepsiyasyny öňe sürdüler.Bu ideýa häzirki zamanyň adam hukuklarynyň özeni bolup durýar.Adamyň hukuklary aýrylmaz we bölünmez bolup galýandyrlar.Adamyň esasy hukuklary we azatlygy şulardan ybaratdyr,söz azatlygy we öz pikirini erkin aýdyp bilmek, haýsy bolsa hem bir dine uýmak, ya-da uýmazlygy içine almak bilen wyždan we dini-ygtykadyna bolan azatlygy.Birleşikleriň we ýygnaklaryň azatlygy, kanun tarapdan goralmak deňhukuklylygyň

azatlygy. Adamlaryň hukuklary köptaraplydyr.Olar dinden, milli, taryhy, medeni we başga aýratynlyklaryndan özge bolmaly däldir. Döwlet özünde nöhili syýasy ykdysady we medeni sistemalaryň bardygyna garamazdan adam azatlygyny we hukuklaryny goramaga borçlydyr.Bu ýagdaý aýallar üçin hem möhümdir.Adam hukuklary döwletiň ,şahsyýetiň we adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kesgitleýän halkara hukuk kadalarynyň sistemasynyň üsti bilen berkeýändir. ,,Her bir adam haýsy jynsa degişlidigine garamazdan hukuk we azatlyga eýe bolmagyna haklydyr.''-diýlen garaşsyz sözlem her bir raýata degişlidir.

Adam hukugy -bu adamyň aýrylmaz hukugydyr,onuň hiç kimiň tarapyndan janyna kast edilip bilinmeýändigini aňladýar.Bu barada biziň ýurdumyzda ölüm jezasynyň ýatyrylmagy bütin dünýä jemgýyetçiliginde uly goldaw tapdy.Deňlige bolan hukugy (adam hukuklarynyň ahliumumy jarnamasynyň 2-nji maddasy, raýatlyk we syýasy hukuklarynyň Halkara tekstiniň 9-njy maddasy) Azatlyga we şahsy eldegirmesizlige bolan hukugy.Şahsýetiň azatlyga we eldegirmesizligi onuň şahsy durmuşyna goşulmazlygy we adamyň abraýyny we namysyny goramak ýaly hukuklar bilen doldurylýar.Türkmenistanyň konstitusiýasy ýaşaýyş jaýlaryna,hat gatnaşyklarynyň,

telefon geplesikleriniň gizlindigine eldegirmezlik ýörelgesini girizdi.

Türkmenistanda raýatlaryň hukuk statusyny üpjün edýän kadalaşdyryjy ulgamy ýurduň bütin hukuk binýady ýaly kanunyň hökümdarlyk etmegi ýaly umuny demokratiki ýörelgelerine esaslanýandyr.Türkmenistan özüni hukuk döwleti hökmünde döretdi, onuň özeni bolup bolsa kanunyň hökümdarlyk etmek ýörelgesi durýar.Bu demokratiki jemgyýetiniň wajyp ýagdaýy raýatlaryň we jynslaryň arasyndaky deňligiň aýrylmaz elementini düzýär.Türkmenistanyň konstitusiýasyna layyklykda, jemgyýetiň we döwletin ýokaty gymmatlyklarynyn biri bolup adam durýandyr.Döwlet raýatyň öňünde jogapkärdir we onun şahsyýetini tebigy we özgä berilmeýän hukuklaryny goramaga borçlydyr.Her bir raýat öz döwletiniň we konstitusiýasy tarapyndan onuň üstüne ýükleýän borçlary ýerine ýetirmäge döwletiň öňünde borçlydyr.Türkmenistan öz raýatlarynyň deňligini azatlygyny milletine, gelip çykyşyna, wezipe ýagdayyna, ýaşayan ýerine,partiýa degişlidigine garamazdan deňligi kepillendirýär.

## TÜRKMENISTANDA BMG-NYŇ ÖŇÜNI ALYŞ DIPLOMATIÝASY BOÝUNÇA SEBIT MERKEZINIŇ (SAMMIT) AÇYLMAGY WE ONUŇ SYÝASY ÄHMIÝETI

„Türkmenistan häzirki wagtda dünýä üçin açykdyr'' ähli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy giňden ýaýbaň-landyrmak üçin açykdyr.Biziň ýurdumyz milletler bileleşigi bilen bileilokde halkara hukugynyň ýörelgeleriň.Ynsanperwerligiň, adalatlygyň, öňsuklygyň birek-birege sarpa goýmagyň asylly maksatlarynyň döwletleriň arasyndaky häzirki zaman gatnaşyklaryny kesgitleýji şertler hökmünde berkarar bolmagynyň hatyrasyna müňdäne beýläkde işlemäge taýýardyr diýip Hormatly Prezidentimiz BMG-nyň müňberiňden beýan etdi.Biz Türkmenistanyň paýtagty Aşgabadyň BMG-nyň Merkezi Aziýadaky öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýerleşen ýeri hökmünde seçilip alynmagyna ýokary baha berýäris hem-de oňa BMG-nyň biziň ýurdumyza ynam bildirmeginiň alamaty hökmünde garaýarys.Türkmenistan ýokary jogapkärçilige düşünmek bilen, Merkeziň netijeli işlemegi üçin ähli zerur zatlary eder.Bu merkeziň alyp barjak işi sebitiň meselelerini çözmäge onuň täsir etmelidir diýip nygtady.

Biziň ýurdumyzyň Aşgabatda BMG-nyň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini açmak baradaky başlangyjynyň goldanylmagy kanunalaýyk ýagdaýdyr we ençeme diller bilen şertlenendir.

Birinjiden, Garaşsyzlyga eýe bolandansoň dawa-jenjelsiz, durnukly ösüşiň, içerki syýasy durnuklygynyň oňat mysalyny görkezdi.

Ikinjide, Türkmenistanyň goňşy döwletler bilen hiç hili jedelli meseleleri ýok, ýurdumyz olar bilen hem-de dünýädäki ähli döwletler bilen dostlukly gatnaşyklary saklaýar.Goňşy döwletleriň biziň ýurdumyza ynamy Aşgabatda BMG-nyň şol edarasyny ýöretmäge bolan biragyzdan ylalaşygynda ýüze çykdy.

Üçünjiden, Türkmenistanyň sebitide ýüze çykýan dawalaryň öňüni almakda we çözmekde BMG-sy bilen bilelikde işlemek tejribesi bar.Türkmenistanyň Täjigistanda ýüze çykan raýat gapma-garşylylyklaryny sazlaşdyrmakdaky ornuny we täze parahatçylygy durmuş gurmakda  Owgan halkyna häzire çenli berýän degerli kömegini ýatlamak hem ýeterlikdir.Şonuň için-de Aşgabatda öňüni alyş diplomatiýasynyň Merkezini döretmek baradaky karar-munuň özi biziň ýurdumyzyň sebitde parahatçylygy we howpsyzlygy goldamaga goşan goşandynyň onuň parahatçylygy goramak işindäki uly mümkünçilikleriniň ykrar edilmegidir.

Dördünjiden, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy sebitde geosyýýasy deňagramlygynyň möhüm faktory, Merkezi Aziýada durnuklylygy saklamagyň uniwersal guraly bolup hyzmat edýär.Biziň ýurdumyzda öz bitaraplyk derejesini ähliumumy parahatçylygyň we abadançylygyň bähbitleri üçin peýdalanýar.Biz öz ykbalymyzy umumy adamzat ykbalyndan ýüze göz öňüne getirip bilmeýäris.Türkmenistan her bir iri, global derejeli meseleleri çözmekden çetde duranok, bu meselede ol bütin halkara jemgyýetçiligi bilen raýdaşdyr.Islendik meselede biz hemişelik Bitarap döwlet diýen derejämizden ugur alýarys, diýip Hormatly Prezidentimiz aýtdy.

BMG-nyň Aşgabatda Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezini açmak baradaky karary halkara arenasynda Türkmenistanyň abraýynyň barha artýandygynyň ýene bir subutnamasydyr.BMG-nyň Türkmen paýtagtyndaky täze gurluşynyň dünýäde deňi-taýy ýokdur.Türkmenistanyň paýyna ilkinji bolmagynyň hormatly wezipesi düşdi, munuň özi milletler birleşiginiň öňündäki ägirt uly jogapkärçiligidir.Bu merkez Merkezi Aziýada ygtybarly berkitme bolup we başlap onuň öňüni alýan, sebitde ýüze çykaýjak kriks ýagdaýlaryny parahatçylykly ýol bilen düzgünleşdirýän, parahatçylygy, howupsyzlygy we durnuklylygy goldaýan we pugtalandyrýan gural bolmalydyr.

# Garaşsyz döwletleriň arkalaşygy (GDA)

Bu gurama öňki sowet soýuzynyň respiblukalaryndan düzülen guramadyr.Guramanyň döreýiş resmi kagyzlaryna Belirusiýa, Ukraina, Russiýa döwletleriň 1991-nji ýylyň dekabraýynyň 8-ne Minsk şähernde gol çekilen GDA-ny döretmek barada ylalaşyk 1991-nji ýylyň dekabraýynyň 21-de Alma-Ata şäherinde 11-sany döwletler tarapyndan gol çekilen.Minsk ylalaşygynyň we Alma-Ata jarnamasy esasynda döredilen 1993-nji ýylda ýene-de Minsk şäherinde geçirilen ýygnakda GDA-nyň esasnamasy (ustawy) kabul edilýär.

GDA –nyň maksatnamasy;

1.Ykdysady, syýasy, ekologik, gumanitar, medeniýet ulgamlar boýunça hyzmatdaşlygy amala aşyrmak.

2.Umumy ykdysady giňişligi döretmek.

3.Adam hukuklaryny goramak.

4.Döwletleriň aralygynda halkara parahatçylygy we howupsyzlygy guramak we beýleki maksatlar.

GDA-nyň ustawyna (esasnamasyna) laýyklykda GDA-nyň dörediji döwletleri we GDA-nyň agza döwletleri bar.Dörediji döwletlere 1991-nji ýylyň dekabr aýynyň 21-däki ylalaşygyň protokylyna gol çeken döwletlere degişlidir.Olar Ermenistan, Belarus, Gazagystan,

Gyrgyzystan, Russiýa, Türkmenistan, Täjigistan, Özbegistan we Ukraina.
GDA-nyň Baş organy döwletleriň baştutanlarynyň geneşi, we wajyp mesele ýüze çykanda adatdan daşary ýygnaklary geçirip bilýär.Geneş agzalaryň umumy bähbitleri, meseleleri boýunça karar çykarmaga hukukly.
Ykdysady kazyýet-GDA-nyň agzalarynyň boýun alan ykdysady borçlaryny ýerine üpjün edýär.Adam hukuklary barada komisiýa-GDA-nyň maslahatçy organy bolup, GDA-nyň agzalarynyň adam hukuklary boýunça boýun alan borçlaryny ýerine ýetirmeklerini üpjün edýär.Komissiýa öz işini tassyklanan düzgünnama esasynda alyp barýar.
Parlamentara Assambleýa-bu Assambleýa döwletleriň parlament delegasiýalaryndan ybarat.Parlamentara Assambleýanyň ýerleşýän ýeri Sankt-Peterburg şäheri.
2009-njy ýylyň 10-aprelinde GDA-nyň daşary işler Ministrleriniň geňeşiniň mejlisi bolup geçdi.Bu geňeş biziň ýurdumyzda Aşgabat şäherinde Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda geçirildi.Hormatly Prezidentimiz gepleşikler tapgyrynda GDA-ny döwletler bilen hyzmatdaşlyga öz daşary syýasatynyň möhüm ähmiýetli ugur hökmünde garaýandygyny nygtady.Şeýle hem Hormatly Prezidentimiz GDA-nyň çäklerinde ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň giňeldilmegine sebit we sebit derejesindäki gatnaşyklaryň täze many-mazmun bilen

baýlaşdyrylmagyna, ärkalaşygyň ýurtlarynyň ähliumumy ykdysady ýagdaýlara netijeli goşulyşmagyna ýardam berilmegine gönükdirilen ykdysady hyzmatdaşlygyň wajyp ähmiýete eýedigini aýty.Esasy seredilen meseleler ýangyç-energetika, bilim ugry boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek barada boldy.

## Röwşen geljekli güneşli Diýar

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda milli Lidermiziň öňdegörüjilikli ynsanperwer syýasatynyň esasynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde parahatçylygyň, asudalygyň, hoşniýetli dot-doganlyk gatnaşyklarynyň we beýik özgertmeleriň ýurdy hökmünde ykrar edildi.Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň halkara derejesinde tutýan ornuny ýokarlandyrmak we at-abraýyny has-da belende götermek üçin örän uly işleri amala aşyrýar.Ýurt Baştutanmyzyň bu babatdaky täze başlangyçlary dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldaw tapýar.Türkmenistanyň birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 62-nji we 64-nji sesiýalaryna wise-başlyklyk etmegi, ol ýerde milli Lidermiziň ynsanyýet bähbitli ençeme teklipler bilen çykyş etmegi, şol başlagyçlaryň BMG-e giryän döwletler tarapyndan doly goldaw tapmagy munuň şeýlediginiň doly güwanamasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Zeminde adamzadyň asuda, abadan ýaşamagy we bütin dünýäde parahatçylygy gorap saklamak üçin uly tagallalar edýär.Güneşli Diýarmyzyň paýtagty Aşgabatda BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezinde alnyp barylýan işler sebitde parahatçylygy, asudalygy üpjün etmäge ägirt uly mümkinçilikler döredýär.Milli Lidermiziň ýolbaşçylygyna Türkmenistanyň alyp barýan ,,Açyk gapylar’’ syýasatynyň many-mazmuny hem tutuşlygyna alanyňda parahatçylyga, progrese, umumadamzat bähbitlerine ýugrulandyr.

# EDEBIÝATLAR:

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky, söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

2.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.

3.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmagy. Aşgabat,2007.

4.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.Aşgabat, 2007.

5.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky çykyşy. Aşgabat, 2009.

6.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerne tarap.Aşgabat, 2009.

7.Adam hukuklary baradaky Halkara namalar. Aşgabat.2000.

8.Demokratiýa we hukuk.Aşgabat.2007.

9.Demokratiýa we hukuk. Aşgabat.2008.

10. Demokratiýa we hukuk. Aşgabat.2009.

11.Türkmenistanyň Konstitusiýasy.Aşgabat.2008.

12.Türkmenistanyň kanunçylygyna Halkara hukugynyň ornaşdyrylyşy. Aşgabat.2005

13.A.Azarow. Sistema zaşity i swobod çeloweka. Moskowskaýa şkola praw çeloweka. 2007

# MAZMUNY:

Giriş.........................................................................................7

Halkara hukugynyň döreýşi..............................................13

Halkara hukuklar barada ylym............................................16

Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasy inisiatiwalary;işjeňlik,anyklyk we il-halkyň abadançylygyna gönükdirilen maksatlaryndan ugur almak.................................19

Türkmenistanyň daşary syýasaty: dünýä bileleşigine goşuluşmak ileri tutulýan ugur.................................................22

HALKARA HUKUGY.......................................................25

Halkara guramalar...................................................................28

Halkara ynsanperwerlik (gumanizm) hukugy...........................32

BMG –NYŇ BAŞ ASSAMBLEÝASY...................................37

Kofi Annan BMG-niň bas sekretary (1997-2006)..........................................................................48

Zähmediň Halkara Guramasy...............................................50

Aýallar hukugy barada..........................................................57

GENDER DEŇLIGINIŇ HALKARA STANDARTLARY ..........................................................................................60

Çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýa.......................65

HALKARA HUKUGYNDA ADAMYŇ WE RAÝATLARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY.............70

Garaşsyz döwletleriň arkalaşygy (GDA).................................76

Edebiýatlar..........................................................................80